Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— GARAŞSYZ ÝURDUMYZDA ŞU ÝYLYŇ ALTY AÝYNDA ÝERINE ÝETIRILEN IŞLERIŇ NETIJELERI KABUL EDEN MAKSATNAMALARYMYZYŇ ÜSTÜNLIKLI DURMUŞA GEÇIRILÝÄNDIGINI GÖRKEZÝÄR.

BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY: DÖWLET ADAM ÜÇINDIR!

# TÜRKMENISTAN

DÜNÝÄDE BMG TARAPYNDAN YKRAR EDILEN ILKINJI BITARAP DÖWLET — BU BIZIŇ ATA WATANYMYZ — EZIZ TÜRKMENISTANDYR!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Ministrler Kabineti

Gündelik gazet. № 174 — 178 (31113). 2024-nji ýylyň 13-nji iýuly. Şenbe.



## TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

**AŞGABAT, 12-nji iýul (TDH).** Şu gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Onda ykdysadyýetiň pudaklarynda şu ýylyň geçen alty aýynda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça kabul edilen maksatnamalaryň ýerine ýetirilişi ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem ýolbaşçylary wezipä bellemek we wezipeden boşatmak bilen bagly meselelere seredilip, şu ýylyň ikinji ýarymynda öňde duran wezipeler kesgitlenildi. Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň, käbir ýolbaşçylaryň, welaýatlaryň häkimleriniň hasabatlary diňlenildi.

Hökümet mejlisine Türkmenistanyň Mejlisiniň wekilleri, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalary, welaýatlaryň, Aşgabat, Arkadag şäherleriniň häkimleri, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary, gazet-žurnallaryň redaktorlary hem-de beýleki ýolbaşçylar çagyryldy.

Ilki bilen, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradowa söz berildi. Ol 2024-nji ýylyň ýanwar — iýun aýlarynyň makroykdysady görkezijileri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda görlen çäreleriň netijesinde, jemi içerki önümiň durnukly ösüşi üpjün edildi. Bu görkeziji senagat pudagynda 3,6 göterime, gurluşykda 9,3 göterime, ulag we aragatnaşyk pudagynda 7,3 göterime, söwdada 7,8 göterime, oba hojalygynda 5,8 göterime, hyzmatlar ulgamynda 7,9 göterime deň boldy. Geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önüm 11,5 göterim artdy. Şu ýylyň birinji ýarymy boýunça bölek satuw haryt dolanyşygy, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 11,1 göterim köpeldi. Ýurdumyzyň iri we orta kärhanalarynda ortaça aýlyk zähmet haky, 2023-nji ýylyň degişli döwrüne görä, 10,4 göterim ýokarlandy. Hasabat döwründe aýlyk zähmet haklary, pensiýalar, döwlet kömek pullary, talyp haklary öz wagtynda we doly maliýeleşdirildi. Şeýle hem «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» ýerine ýetirilişi barada hasabat berildi.

Maliýe we ykdysadyýet ministri S.Joraýew hasabat döwründe Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi, özleşdirilen maýa goýumlar hem-de Oba milli maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, 2024-nji ýylyň 1-nji iýuly ýagdaýyna görä, baş maliýe meýilnamasynyň girdeji bölegi 102,1 göterim, çykdajy bölegi bolsa 97,7 göterim ýerine ýetirildi. Hasabat döwründe ýerli býujetleriň girdeji bölegi 101,4 göterim, çykdajy bölegi bolsa 98,2 göterim berjaý edildi. Şu ýylyň ýanwar — iýun aýlarynda balans toparlarynyň jemi 44, şol sanda sebitlerdäki balans toparlarynyň 38 mejlisi geçirildi. Bu mejlisleriň barşynda ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, olaryň garamagyndaky edara-kärhanalaryň maliýe-hojalyk işleriniň netijelerine seredildi. 2023-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, şu ýylyň birinji ýarymynyň jemleri boýunça maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna milli ykdysadyýetimizi ösdürmäge gönükdirilen maýa goýumlaryň möçberi 20,8 göterim artdy we jemi içerki önümiň 17,3 göterimine deň boldy. Özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň 48,5 göterimi önümçilik, 51,5 göterimi durmuş we medeni maksatly binalaryň gurluşygyna gönükdirildi. Şeýle hem şu ýylyň 1-nji iýuly ýagdaýyna görä, Oba milli maksatnamasynyň ýerine ýetirilişiniň görkezijileri barada aýdyldy.

Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy D.Amanmuhammedow şu ýylyň ýanwar — iýun aýlarynda ministrlikler hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan meýilnamalaryň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, şu ýylyň birinji ýarymynda senagat ulgamynda durnukly ösüş gazanyldy. Hususan-da, 40230,1 million kub metr tebigy gaz, 4163,7 müň tonna nebit çykaryldy. 2023-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, nebit bitumynyň öndürilişi 13,2 göterim, mazut boýunça 31,7 göterim, aýna listi boýunça 7,9 göterim, sement boýunça 6,8 göterim, tutulan balyklar boýunça 34,2 göterim, gaýtadan işlenen hem-de gaplanan balyk we balyk önümleri boýunça 16,5 göterim, süýt önümleri boýunça 14,1 göterim, mesge ýagy boýunça 10,8 göterim, süýji-köke önümleri boýunça 5,6 göterim ösüş gazanyldy. Ulag-kommunikasiýa pudagynda-da öňegidişlikler gazanyldy. Ýük daşamagyň we ýolagçy gatnatmagyň möçberiniň artmagy hem muňa şaýatlyk edýär. Aragatnaşyk hyzmatlarynyň möçberi 12,7 göterim artdy. Oba hojalygynda şu ýylyň alty aýynda, 2023-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, öndürilen gök önümler 7,4 göterim, ýeralma 11,4 göterim, miwe we ir-iýmişler 1,2 göterim, süýt 0,5 göterim, diri agramdaky etiň öndürilişi 0,6 göterim ýokarlandy.

Ýanwar — iýun aýlarynda ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginde hem oňyn netijeler gazanyldy. Şunda ýüpek matalar 1,4 göterim, süýji-köke önümleri 5,9 göterim, mesge ýagy 15,3 göterim, süýt önümleri 14,5 göterim, unaş önümleri 64,1 göterim, çörek we çörek önümleri 7 göterim, gök önümler 9,3 göterim, ýeralma 5,8 göterim, süýt 0,5 göterim artdy.

Statistika baradaky döwlet komitetiniň ýolbaşçysy statistika ulgamynyň işini döwrüň talabyna laýyk kämilleşdirmek we ulgama döwrebap usullary girizmek bilen, sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada-da hasabat berdi.

Soňra Merkezi bankyň başlygy T.Mälikow 2024-nji ýylyň geçen alty aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe bank ulgamy tarapyndan ykdysadyýete karzlaryň gönükdirilmegi dowam etdirildi. 2023-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, şu ýylyň birinji ýarymynda ýurdumyzyň banklary tarapyndan hususy ulgama berlen karzlaryň umumy möçberi artdy. Şunuň bilen birlikde, kiçi we orta telekeçiligi goldamak üçin ýeňillikli karzlaryň, hususy oba hojalyk önümlerini öndürijilere gönükdirilen karz serişdeleriniň görkezijisi ýokarlandy. Şu ýylyň 1-nji iýuly ýagdaýyna görä, Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Kararyna laýyklykda, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde, ýurdumyzyň welaýatlarynda raýatlara gozgalmaýan emlägi satyn almak üçin berlen ipoteka karzlarynyň galyndysy, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 12,4 göterim artdy.

(Dowamy 2-nji sahypada).

## GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTANYŇ EDERMEN GALLAÇYLARYNA WE ÄHLI OBA HOJALYK IŞGÄRLERINE

***Hormatly hasyl ussatlary!***
***Merdana gallaçy babadaýhanlar!***

Sizi bereketli türkmen topragyndan gallanyň 1 million 400 müň tonnadan gowrak hasylyny ýetişdirip, şertnamalaýyn borçnamaňyzy üstünlikli berjaý etmegiňiz bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ussat kärendeçilerimiziň, hususy önüm öndürijilerimiziň, mehanizatorlarymyzyň, alymlarymyzyň, bugdaýy ösdürip ýetişdirmekde we ýitgisiz ýygnap almakda uly işleri alyp barýan her bir adamyň agzybir hem-de yhlasly çeken zähmeti netijesinde şeýle belent sepgide ýetildi. Ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmek üçin gallanyň bol hasyly öndürilip, gazanylan bu ajaýyp zähmet ýeňşinde welaýatlarymyzyň etraplaryndaky gallaçylyk hojalyklarynyň, hususy önüm öndürijileriň, öňdebaryjy gallaçy babadaýhanlaryň we ähli oba hojalyk işgärleriniň uly goşandy bardyr. Biz daýhanlarymyzyň öndürijilikli zähmet çekmekleri, toprakdan bol hasyl öndürip, halal zähmeti bilen baýamaklary üçin giň mümkinçilikleri döredýäris.

***Edermen gallaçylar!***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda bedew bady bilen öňe barýan eziz Diýarymyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda uly ösüşler gazanylýar. Garaşsyz ýurdumyzyň ösüşleriň täze belentliklerine göterilýän häzirki döwründe oba hojalygyny ýokary depginlerde ösdürmek we düýpli özgertmek, ony iň bir girdejili pudaklaryň birine öwürmek boýunça netijeli işler durmuşa geçirilýär. Türkmen daýhanyna döwletimiz tarapyndan öndürijilikli işlemäge, toprakdan bol hasyl öndürip, ýokary zähmet netijelerini gazanyp, abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamaga ähli şertler döredilýär. Ýurdumyzyň oba hojalygyny düýpli özgertmekde we çalt depginde ösdürmekde, ene topragymyzyň berekedini artdyrmakda tutumly işler amala aşyrylýar. Eziz Watanymyzda düýpli özgertmeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi, mähriban halkymyzyň yhlasly zähmet çekmegi, abadan, bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin edilýän aladalaryň ählisi biziň «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgämiziň yzygiderli amala aşyrylýandygynyň aýdyň güwäsidir.

***Hormatly oba zähmetkeşleri!***

Siz sahawatly türkmen topragyndan bugdaýyň, pagtanyň we beýleki oba hojalyk ekinleriniň bol hasylyny öndürmek ugrunda gujur-gaýratyňyzy gaýgyrman zähmet çekýärsiňiz. Siziň çekýän halal zähmetiňiz netijesinde, ata-babalarymyzyň bize miras goýan kämil daýhançylyk tejribesi häzirki döwrüň ekerançylyk usullary bilen sazlaşykly utgaşdyrylyp, oba hojalygynyň beýleki ugurlary bilen bir hatarda, gallaçylyk pudagynda hem uly zähmet ýeňişleri gazanylýar. Ösüşleriň täze belentliklerine tarap ynamly öňe barýan ata Watanymyzyň oba hojalyk pudagyny düýpli özgertmek, dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň ýokary öndürijilikli oba hojalyk tehnikalaryny yzygiderli satyn almak, topragyň berekedini artdyrýan mineral dökünler bilen üpjün etmek hem-de ylmyň soňky gazananlaryny önümçilige giňden ornaşdyrmak arkaly ekinleriň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek boýunça giň möçberli işler alnyp barylýar. Bu işleriň üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde, daýhanlarymyzyň gazanýan ýokary netijeleri bizi örän buýsandyrýar. Biz şu ýyl bugdaýyň döwlet satyn alyş nyrhyny ýokarlandyrdyk. Ýurdumyzda däneçilik pudagyny ylmy esasda ösdürmek üçin ýörite Ylmy-barlag institutyny döretdik. Bugdaýyň bol hasyl berýän tohumlarynyň ekilmegini ýola goýduk. Munuň özi oba hojalyk önümçiliginiň, şol sanda onuň gallaçylyk pudagynyň yzygiderli ösdürilmegine, oba ilatynyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlanmagyna uly ýardam edýär.

Galla — biziň baýlygymyz. Şoňa görä-de, siziň köp yhlas we zähmet siňdirilip ýetişdirilen galla hasylyny iň soňky dänesine çenli isrip etmän, doly ýygnap aljakdygyňyza hem-de täze ýylyň bol hasylynyň düýbüni şu günlerden mäkäm tutjakdygyňyza berk ynanýaryn.

***Hormatly hasyl ussatlary!***
***Edermen gallaçy babadaýhanlar!***

Bereketli topragymyzda gallanyň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmekde tutanýerli zähmet çeken we ýokary netijeleri gazanan ussat gallaçylarymyzy hem-de oba hojalyk işgärlerimizi, ýetişdirilen galla hasylyny çalt we ýitgisiz ýygnap almakda, ammarlara daşamakda yhlasly işlän kombaýnçylarymyzy, sürüjilerimizi, ähli watandaşlarymyzy gazanylan bu ajaýyp zähmet ýeňşi bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Size berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, ata-babalarymyzyň şöhratly daýhançylyk däplerini dowam etdirip, berkarar döwletimiziň mundan beýläkde gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan asylly işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýärin.

*Türkmenistanyň Prezidenti*
*Serdar*
*BERDIMUHAMEDOW.*

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### Türkmenistanda zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň, talyp we diňleýji haklarynyň möçberini ýokarlandyrmak hakynda

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» göz öňünde tutulan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek, ilatymyzyň ýaşaýyş şertlerini hem-de durmuş taýdan goraglylygyny mundan beýläk-de ýokarlandyrmak maksady bilen, **karar edýärin:**

1. 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan:

1) býujetden maliýeleşdirilýän edaralaryň, hojalyk hasaplaşygyndaky kärhanalaryň we jemgyýetçilik birleşikleriniň işgärleriniň aýlyk zähmet haklarynyň;

2) pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň;

3) talyp we diňleýji haklarynyň möçberini 10 göterim ýokarlandyrmaly.

2. 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan:

1) Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylaryň pensiýalarynyň aýda iň pes möçberini 2280 manat möçberde;

2) Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylaryň ýanýoldaşlarynyň we tylda zähmet çekenleriň pensiýalarynyň aýda iň pes möçberini 665 manat möçberde;

3) pensiýanyň iň pes möçberini kesgitlemek üçin binýatlyk ululygy 550 manat möçberde;

4) döwlet kömek pullaryny hasaplamak üçin binýatlyk ululygy 520 manat möçberde bellemeli.

3. Türkmenistan boýunça iň pes aýlyk zähmet hakyny 1410 manat möçberde bellemeli we ony aýlyk zähmet haklaryny düzgünleşdirmek üçin ulanmaly.

4. 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan döwlet häkimiýet edaralarynyň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, harby we hukuk goraýjy hem-de kazyýet edaralarynyň, gazet-žurnallaryň redaksiýalarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, şeýle hem olaryň esasy gurluş birlikleriniň ýolbaşçylarynyň aýlyk zähmet haklarynyň möçberini tassyklamaly.

5. Zähmet haklaryny ýokarlandyrmagy edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň gurluşyny kämilleşdirmegiň, önümçilik kuwwatlyklaryndan peýdalanmagyň netijeliligini we işgärleriň zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň hem-de peýdalanylmaýan içerki mümkinçilikleri ulanmagyň hasabyna üpjün etmeli.

*Türkmenistanyň Prezidenti*
*Serdar BERDIMUHAMEDOW.*

Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 12-nji iýuly.

# BITARAP, GARAŞSYZ TOPRAGYŇ NURDUR,




# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GALLAÇY DAÝHANLARYŇ ZÄHMET ÝEŇŞI BARADAKY HASABATY KABUL ETDI

**AŞGABAT, 12-nji iýul (TDH).** Şu gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň oba hojalyk toplumyna gözegçilik edýän orunbasaryndan hem-de welaýatlaryň häkimlerinden ýurdumyzyň edermen gallaçy daýhanlarynyň bugdaý hasylyny ýetişdirmek boýunça şertnamalaýyn borçnamalaryny ýerine ýetirendikleri baradaky hasabatlary kabul etdi. «Oguz han» köşkler toplumynda geçirilen dabarada Diýarymyzyň welaýatlaryna wekilçilik edýän bagtyýar çagalaryň buýsançnamalary aýratyn joşgun bilen ýaňlandy.

Dabarada milli ykdysadyýetimiziň sazlaşykly ösüş ýoluna düşen oba hojalyk pudagynyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegi bilen baglanyşykly meselelere uly üns berýändigi, oba zähmetkeşleriniň durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagy, ýokary derejeli ýaşaýşy we öndürijilikli zähmeti ugrunda zerur şertleriň döredilýändigi üçin Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallyk sözleri beýan edildi. Bellenilişi ýaly, obasenagat toplumynda gazanylýan üstünlikler Gahryman Arkadagymyzyň bu ugurda başyny başlan beýik özgertmeleriniň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde ýurdumyzda azyk bolçulygynyň üpjün edilmegine, dürli görnüşli oba hojalyk önümleriniň öndürilýän möçberiniň artdyrylmagyna gönükdirilen özgertmeler netijeli häsiýete eýe bolýar. Döwletimiz tarapyndan daýhanlara hemmetaraplaýyn goldaw berilýär, olar ýokary hilli tohumlar we mineral dökünler bilen üpjün edilýär.

Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda kesgitlenen wezipeleriň yzygiderli durmuşa geçirilmegi netijesinde, obalar, şol sanda ýurdumyzyň iň çetki sebitleri hem tanalmaz derejede özgerdi. Diýarymyzyň dürli künjeklerinde durmuş, önümçilik maksatly desgalar gurlup ulanmaga berilýär. Şol bir wagtyň özünde, milli ykdysadyýetimiziň kuwwatlanmagynda möhüm orny eýeleýän senagat toplumlary, medeni-durmuş maksatly desgalar, saglygy goraýyş edaralary, stadionlar, döwrebap sport toplumlary, täze tehnologiýalar bilen üpjün edilen mekdepler, çagalar baglary, ähli amatlyklary özünde jemleýän ýaşaýyş jaýlary yzygiderli bina edilýär. Bu bolsa zähmetsöýer halkymyzy täze ýeňişlere, belent sepgitlere ruhlandyrýar. Oba zähmetkeşleri döredilýän ýokary derejeli mümkinçiliklerden netijeli peýdalanyp, ajaýyp zähmet ýeňişlerini gazanýarlar. Bu bolsa Watanymyzyň ykdysady taýdan kuwwatlanmagyna goşulýan mynasyp goşantdyr.

«Oguz han» köşkler toplumynda ýurdumyzyň welaýatlarynyň elleri bugdaý desseli hem-de däneden doly horjunly ýaşajyk wekilleri Arkadagly Gahryman Serdarymyza şanly waka mynasybetli gutlag sözlerini beýan etdiler.

Çagalar hormatly Prezidentimizi bereketli türkmen topragynda bol galla hasylyny ösdürip ýetişdiren daýhanlaryň öndürijilikli zähmetini, ýurdumyzda amala aşyrylýan asylly işleri wasp edýän goşgulary okadylar. Şahyrana setirlerde Watanymyzyň sahawaty, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň şatlykly wakalary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda amala aşyrylýan beýik işler öz beýanyny tapýar.

Ähli welaýatlaryň ýaşajyk wekilleri hormatly Prezidentimize ak bugdaýdan taýýarlanan sowgatlary gowşurdylar. Soňra döwlet Baştutanymyz çagalar bilen ýadygärlik surata düşdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew hormatly Prezidentimize ýurdumyzda bugdaý hasylyny ýygnamak boýunça Watan öňündäki şertnamalaýyn borçnamanyň üstünlikli berjaý edilendigi baradaky hoş habary ýetirdi. Wise-premýer döwletimiziň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan bu şanly waka mynasybetli hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa ýurdumyzyň ähli oba zähmetkeşleriniň adyndan ýörite dokalan halyny sowgat hökmünde gowşurdy we Arkadagly Gahryman Serdarymyzy gazanylan ajaýyp üstünlik bilen ýene-de bir gezek gutlady.

Bu ýerde guralan dabara gatnaşýan Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary, welaýatlaryň häkimleri hem daýhanlarymyzyň bu zähmet ýeňşi bilen hormatly Prezidentimizi gutladylar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz gutlaglar üçin minnetdarlyk bildirip, ussat gallaçy babadaýhanlarymyzyň Watan harmanyna 1 million 400 müň tonnadan gowrak ýokary hilli bugdaý hasylyny tabşyryp, şertnamalaýyn borçnamalaryny abraý bilen berjaý edendiklerini belledi. Döwlet Baştutanymyz edermen gallaçylary, oba hojalyk işgärlerini gazanan bu üstünlikleri bilen tüýs ýürekden gutlady hem-de olara täze üstünlikleri arzuw etdi.

Dabaranyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz hemmelere berk jan saglyk, Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmeginiň bähbidine alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI HORMATLY SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

***Çuňňur hormatlanylýan Türkmenistanyň Prezidenti!***

Sizi «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýurdumyz boýunça galla öndürmek baradaky şertnamalaýyn borçnamanyň üstünlikli ýerine ýetirilip, 1 million 400 müň tonnadan gowrak bugdaý hasylynyň ýetişdirilmegi mynasybetli Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň adyndan tüýs ýürekden gutlaýaryn. Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny, eziz Watanymyzyň ösüşleriň aýdyň ýolunda mundan beýläk-de öňe gitmegi, türkmen halkynyň bagtyýar, asuda, abadan, bolelin durmuşda ýaşamagy ugrunda alyp barýan döwletli işleriňiziň rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýärin.

***Hormatly Prezidentimiz!***

Beýik özgerişler, belent maksatly işler diňe parahatçylygyň, asudalygyň dabaralanýan ýurdunda agzybir, jebis ýaşaýan zähmetsöýer halk bilen bilelikde amala aşyrylýar. Türkmen halky hem gadymyýetden bäri merdanalyk, tutanýerlilik, zähmetsöýerlik häsiýetleri bilen şöhratlanýar we täze taryhy döwrümizde-de mynasyp zähmet ýeňişlerini gazanyp gelýär. Muňa ýurdumyzyň oba zähmetkeşleriniň, gallaçy daýhanlarynyň, hasyl ussatlarynyň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe pagta, gök-bakja, miwe önümleri bilen birlikde, ak bugdaýyň bol hasylyny öndürmekde gazanýan ýokary netijesi hem aýdyň şaýatlyk edýär. Bu zähmet ýeňşi Siziň ýurdumyzda oba hojalyk pudagyny ösdürmek babatda edýän yzygiderli aladalaryňyzyň, ekerançylaryň mynasyp zähmet çekmekleri üçin döredilýän şertleriň anyk netijesidir. Edermen babadaýhanlarymyzyň köp yhlas siňdirip çeken zähmetiniň netijesinde öndürilýän bol bugdaý hasyly eşretli durmuşda ýaşaýan bagtyýar halkymyzyň halal ojaklarynyň berekedidir, bedew bady bilen öňe barýan berkarar döwletimiziň abadançylygynyň berk binýadydyr, gadymy topragymyzyň egsilmejek rysgal çeşmesidir.

***Hormatly Arkadagly Gahryman Serdarymyz!***

Siziň «Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligini üýtgedip guramak hakynda» gol çeken Permanyňyza laýyklykda, täze taryhy döwrümizde obasenagat toplumynda ýaýbaňlandyrylan giň gerimli özgertmeler öz mynasyp miwelerini berýär. Siziň degişli Kararyňyz esasynda 2024-nji ýylyň hasylyndan başlap, bugdaýyň, pagtanyň satyn alyş nyrhlarynyň ýokarlandyrylmagy daýhanlary mundan beýläk-de yhlasly, öndürijilikli, netijeli zähmet çekmäge ruhlandyrdy. Gallanyň we gowaçanyň, şalynyňdyr gant şugundyrynyň, beýleki oba hojalyk ekinleriniň bol hasylyny öndürmek üçin tohumyň, döküniň, himiki serişdeleriň, tehniki hyzmatlaryň harajatlarynyň döwlet tarapyndan doly üpjün edilmegi, babadaýhanlara yzygiderli hemaýat-goldawlaryň berilmegi azyk bolçulygyny üpjün etmegiň girewidir.

***Sarpasy belent Prezidentimiz!***

Ýurdumyzda «Tohumçylyk hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna we beýleki hukuk namalaryna laýyklykda hem-de halkara tejribelerden ugur alnyp, tohumçylyk işine möhüm ähmiýet berilýär. Ekinleriň seçgiçilik we tohumçylyk işleri boýunça ýerine ýetirilýän ylmy barlaglaryň kämilleşdirilmegi, alymlaryň bu ugurdaky tejribesini yzygiderli artdyryp, hünär derejesini ýokarlandyrmaklary oba hojalyk pudagynyň ösüşine oňyn täsirini ýetirdi. Bu ugry ylmy taýdan öwrenmek maksady bilen, Ylmy-barlag däneçilik institutynyň, Ylmy-barlag ekerançylyk institutynyň, Ylmy-barlag pagtaçylyk institutynyň işleriniň döwrebap ýola goýulmagy ýurdumyzyň alymlary üçin buýsançly waka boldy. Munuň özi ekinleriň ýerli toprak-howa şertlerine uýgunlaşan, bol hasyl berýän görnüşlerini döretmek boýunça tohumçylyk we seçgiçilik işini has-da kämilleşdirmäge, oba hojalygyny toplumlaýyn ösdürmäge, önümçiligi täzeçe guramaga itergi berýär. Bu bolsa ýurdumyzda oba hojalyk ekinleriniň bereketli hasylyny ýetişdirmäge oňyn şertleri döredýär.

Ak bugdaýyň watanynda buýsançly zähmet çekýän türkmen daýhanlary öndürijilikli iş alyp baryp, toprakdan bugdaýyň bol hasylyny ýetişdirmek bilen, ýurtda azyk bolçulygyny döretmäge uly goşant goşýarlar. Täze taryhy döwrümizde Türkmenistan guşgursak ak bugdaýy bilen diňe bir öz halkyny üpjün edýän ýurt bolman, eýsem, türkmen gallasyny daşary ýurtlara eksport edýän döwlete hem öwrüldi.

***Belent mertebeli Prezidentimiz!***

Sizi bereketli saçaklarymyzyň iň naýbaşy nygmaty — mukaddes çöregiň bolçulygyny döretmekde päk zähmet çekýän edermen gallaçylarymyzyň tutanýerli we joşgunly zähmeti bilen 1 million 400 müň tonnadan gowrak bugdaý hasylynyň ýetişdirilmegi mynasybetli Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň adyndan ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli başlangyçlaryňyz mundan beýläk-de rowaçlyklara beslensin!

Sizi hormatlamak bilen,

*Türkmen halkynyň Milli Lideri,*
*Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy,*
*Gahryman Arkadag Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.*

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

(Başlangyjy 1-nji sahypada).

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabatlary diňläp, ministrlikler we pudak edaralary tarapyndan şu ýylyň alty aýynyň önümçilik meýilnamalarynyň, kabul edilen maksatnamalarda göz öňünde tutulan çäreleriň, öňde goýlan wezipeleriň ýerine ýetirilişini seljermegi dowam etdirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi. Şunuň bilen birlikde, salgytlaryň doly hem-de wagtynda tölenmegine, býujet serişdeleriniň rejeli, maksadalaýyk sarp edilişine gözegçiligi güýçlendirmek babatda görkezme berildi. Şu ýylyň ahyryna çenli Döwlet býujetiniň girdejiler we çykdajylar bölegini üpjün etmek üçin zerur çäreleri görmegiň möhümdigine aýratyn üns çekildi. Geljek ýylyň býujetini oýlanyşykly hem-de öz wagtynda düzmegi üpjün etmek zerurdyr diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi.

Halkara tejribeden ugur alyp, býujet-salgyt ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, kärhanalaryň önümçilik kuwwatynyň ulanylyşyny gözegçilikde saklamak, ykdysadyýetde puluň kadaly dolanyşygyny gazanmak, milli maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmegiň çeşmelerini yzygiderli öwrenmek möhüm wezipeleriň hatarynda kesgitlenildi. Bellenilişi ýaly, ykdysadyýetiň önümçilik pudaklaryny karzlaşdyrmak boýunça banklaryň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak, karzlaryň maksadalaýyk peýdalanylyşyny üpjün edip, onuň netijeliligini artdyrmak zerurdyr. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz milli puluň hümmetini durnukly saklamak boýunça hemişe degişli işleri geçirmegi, halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin netijeli işleri alyp barmagy tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz biziň alyp barýan syýasatymyz bagtyýar raýatlarymyzyň hal-ýagdaýyny yzygiderli gowulandyrmaga gönükdirilendir diýip belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz 2025-nji ýylyň ýanwaryndan başlap, zähmet haklaryny, pensiýalary, döwlet kömek pullaryny we talyp haklaryny 10 göterim ýokarlandyrmak hakynda Permana gol çekdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow ýurdumyzda nebitiň we gazyň çykarylyşyny artdyrmak hem-de olary dünýä bazaryna çykarmagyň ugurlaryny köpeltmek boýunça 2024-nji ýylyň ýanwar — iýun aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri barada hasabat berdi.

Wise-premýer nebit we gaz kondensatyny çykarmak ulgamynda gazanylan tehniki-ykdysady görkezijiler barada hasabat berip, hususan-da, «Türkmennebit» döwlet konserni tarapyndan meýilnamanyň 102,9 göterim ýerine ýetirilendigini aýtdy. Döwlet konserniniň nebiti gaýtadan işleýän zawodlary tarapyndan nebiti gaýtadan işlemegiň meýilnamasy 102,9 göterim ýerine ýetirildi. Hasabat döwründe benzin öndürmegiň meýilnamasy 106,3 göterim, dizel ýangyjynyň meýilnamasy 100,1 göterim, polipropileni öndürmegiň meýilnamasy 107,9 göterim, çalgy ýaglaryny öndürmegiň meýilnamasy 116,7 göterim berjaý edildi. Şeýle-de suwuklandyrylan gazy öndürmek, tebigy we ugurdaş gazy çykarmak, mawy ýangyjy daşary ýurtlara ibermek babatda gazanylan tehniki-ykdysady görkezijiler barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, nebitgaz senagatynyň milli ykdysadyýetimiziň möhüm pudaklarynyň biri bolup durýandygyny belledi. Şoňa görä-de, topluma degişli kärhanalaryň önümçilik kuwwatyny artdyrmak üçin döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmagy we toplumlaýyn çäreleri görmegi dowam etdirmek, Hazar deňziniň sebitinde uglewodorod serişdelerini gözlemek we özleşdirmek üçin daşary ýurt kompaniýalaryny çekmek, türkmen geologlary tarapyndan uglewodorod serişdeleriniň geljegi uly bolan gatlaklaryny gözlemek, barlamak işlerini netijeli dowam etdirmek, ýurdumyzda uglewodorod serişdelerini gözlemek, ýüze çykarmak, özleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de güýçlendirmek we bu işlere halkara tejribäni giňden ornaşdyrmak zerur bolup durýar diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere bu işlere berk gözegçiligi amala aşyrmagy tabşyrdy.

(Dowamy 3-nji sahypada).

# BAÝDAGYŇ BELENTDIR DÜNÝÄŇ ÖŇÜNDE!

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### B.M.ORAZDURDYÝEWA hakynda

**Baýramgül Motyýewna Orazdurdyýewany** Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary wezipesine belläp, ony Türkmenistanyň bilim ministri wezipesinden boşatmaly.

*Türkmenistanyň Prezidenti*
*Serdar BERDIMUHAMEDOW.*

Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 12-nji iýuly.

### Baýramgül Motyýewna ORAZDURDYÝEWA

1975-nji ýylda Balkan welaýatynyň Gyzylarbat şäherinde doguldy. 1996-njy ýylda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetini tamamlady. Bilimi boýunça hünäri hukukçy.

Zähmet ýoluna 1996-njy ýylda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň konstitusiýa hukugy kafedrasynyň mugallymy wezipesinde başlady. Şol ýokary okuw mekdebinde 1996 — 1998-nji ýyllarda aspiranturada okady. 1998 — 2014-nji ýyllar aralygynda Türkmen döwlet uniwersitetinde dürli wezipelerde işledi.



2013-nji ýylda Türkmenistanyň Mejlisiniň dördünji çagyrylyşynyň deputatlygyna saýlanyldy.

2014 — 2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň bilim ministriniň ýokary we orta hünärmen mekdepler boýunça orunbasary boldy. 2017 — 2024-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektory wezipesinde işledi.

2024-nji ýylyň fewralyndan bäri Türkmenistanyň bilim ministri.

«Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 25 ýyllygyna» hem-de «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygyna» atly ýubileý medallary bilen sylaglanyldy.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### J.Ş.GURBANGELDIÝEW hakynda

**Jumamyrat Şamyradowiç Gurbangeldiýewi** Türkmenistanyň bilim ministri wezipesine belläp, ony Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory wezipesinden boşatmaly.

*Türkmenistanyň Prezidenti*
*Serdar BERDIMUHAMEDOW.*

Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 12-nji iýuly.

### Jumamyrat Şamyradowiç GURBANGELDIÝEW

1970-nji ýylda Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde doguldy. 1992-nji ýylda Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutyny tamamlady. Bilimi boýunça hünäri taryh, hukuk we jemgyýeti öwreniş mugallymy.

Zähmet ýoluna 1992-nji ýylda Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabyndaky 54-nji orta mekdepde taryh mugallymy wezipesinde başlady. 1992 — 1998-nji ýyllar aralygynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh institutynyň Gündogary öwreniş bölüminiň aspiranty, uly ylmy işgäri. 1998-nji ýylda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Taryh institutynyň bölüminiň kiçi ylmy işgäri. 1998 — 2003-nji ýyllarda Aşgabat şäherindäki türkmen-türk mekdep-internatynda taryh we geografiýa mugallymy bolup işledi.



2001 — 2003-nji ýyllar aralygynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Taryh institutynyň uly ylmy işgäri. 2003 — 2008-nji ýyllarda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Türkmenistanyň Merkezi Aziýa we Gündogar halklarynyň medeni mirasy döwlet institutynyň «Miras» halkara ylmy-köpçülikleýin žurnalynyň redaksiýasynda dürli wezipelerde işledi.

2008 — 2012-nji ýyllarda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň gumanitar we tebigy ylymlary kafedrasynyň mugallymy, uly mugallymy bolup işledi. 2012-2013-nji ýyllarda şu institutyň okuw bölüminiň başlygynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji. 2013 — 2020-nji ýyllarda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň okuw işleri boýunça prorektory.

2020-nji ýylyň iýulyndan bäri Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory.

«Watana bolan söýgüsi üçin» hem-de «Gaýrat» medallary, «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna», «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 25 ýyllygyna», «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygyna» atly ýubileý medallary bilen sylaglanyldy.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### N.B.ORAZGELDIÝEW hakynda

**Nurmuhammet Baýramberdiýewiç Orazgeldiýewi** Türkmenistanyň dokma senagaty ministri wezipesine bellemeli.

*Türkmenistanyň Prezidenti*
*Serdar BERDIMUHAMEDOW.*

Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 12-nji iýuly.

### Nurmuhammet Baýramberdiýewiç ORAZGELDIÝEW

1984-nji ýylda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Änew şäherinde doguldy. 2008-nji ýylda Belarus Döwlet oba hojalyk akademiýasyny tamamlady. Bilimi boýunça hünäri ykdysadyýetçi.

2001-nji ýylda «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasynyň Aşgabat metodiki ekspedisiýasynyň EHM-niň operatory, hasaplaýjy-tehnigi bolup zähmet ýoluna başlady. 2010 — 2012-nji ýyllarda Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň Türkmenbaşy dokma toplumynyň maliýe we hasabat dolandyryşynyň maddy serişdeler hasabat bölüminiň birinji derejeli



hasapçysy, alyp baryjy buhgalteri bolup işledi. 2012-nji ýylda «Türkmennebitönümleri» baş müdirliginiň hojalyk hasaplaşygyndaky Abatlaýyş-gurluşyk müdirliginiň hasaplaşyk, hasaba alyş we maliýe bölüminiň baş hünärmeni, şeýle hem «Bakteriýa» hususy kärhanasynyň hasaphana bölüminiň baş hünärmeni bolup işledi.

2012 — 2020-nji ýyllarda Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň Türkmenbaşy dokma toplumynda dürli wezipelerde işledi. 2020-nji ýylda Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň bilelikdäki kärhanalaryň işini utgaşdyryjy bölüminiň başlygy.

2020-nji ýylyň sentýabryndan bäri Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň dokma senagaty bölüminiň müdiri.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### Prokurorlary wezipä bellemek we wezipeden boşatmak hakynda

«Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 16-njy maddasyna laýyklykda, **karar edýärin:**

ýustisiýanyň kiçi geňeşçisi **Batyr Nurmyradowiç Wekilowy** Lebap welaýatynyň prokurory wezipesine belläp, ony Lebap welaýatynyň Kerki etrabynyň prokurory wezipesinden boşatmaly;

ýustisiýanyň geňeşçisi **Muhammetoraz Kakalyýewiç Gurbanowy** Lebap welaýatynyň prokurory wezipesinden boşatmaly.

*Türkmenistanyň Prezidenti,*
*Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy*
*Serdar BERDIMUHAMEDOW.*

Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 12-nji iýuly.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

(Başlangyjy 1-2-nji sahypalarda).

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow gurluşyk we senagat toplumynyň şu ýylyň ýanwar — iýun aýlarynda alyp baran işleriniň jemleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe toplum tarapyndan öndürilen önümleriň we ýerine ýetirilen işleriň meýilnamasy 112,7 göterim boldy.

Gurluşyk we binagärlik ministrligi boýunça şu ýylyň birinji ýarymynda önümleri öndürmegiň we işleri ýerine ýetirmegiň meýilnamasy 107,8 göterim berjaý edildi. Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi boýunça öndürilen önümleriň we ýerine ýetirilen işleriň möçberi 880 million manada deň boldy. Energetika ministrligi tarapyndan önümleri öndürmegiň, işleri ýerine ýetirmegiň meýilnamasy 108,4 göterim, «Türkmenhimiýa» döwlet konserni tarapyndan 132,6 göterim berjaý edildi. Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentligi tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň meýilnamasy 106,3 göterime, Aşgabat şäheriniň häkimligi boýunça 112,7 göterime deň boldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, gurluşyk we senagat toplumynyň kärhanalarynyň bökdençsiz işledilmegini gazanmak üçin zerur çäreleri görmegiň wajypdygyny belledi. Şunuň bilen birlikde, himiýa kärhanalaryny doly kuwwatynda işletmek, täze önümçilikleri döretmek boýunça alnyp barylýan işleri güýçlendirmegiň möhümdigi nygtaldy. Ylmyň hem-de tehnologiýalaryň iň täze gazananlary esasynda senagat, gurluşyk önümçiliginiň täze, döwrebap bilelikdäki kärhanalaryny döretmek zerurdyr.

Şeýle-de wise-premýere elektrik energiýasynyň öndürilişini artdyrmak, utgaşykly dolanyşykda işleýän täze elektrik stansiýalaryny gurmak, paýlaýjy ulgamlaryň tehniki ýagdaýlaryny gowulandyrmak boýunça işleri netijeli dowam etdirmek tabşyryldy. Şunuň bilen birlikde, döwlet ähmiýetli awtomobil ýollarynyň gurluşygyny alyp barmak, awtomobil ýollaryny döwrebaplaşdyrmak, olaryň dünýä standartlaryna gabat gelmegi üçin pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadyny yzygiderli berkitmek möhümdir. Şu ýylyň ahyryna çenli açylmagy meýilleşdirilýän binalaryň we desgalaryň bellenen möhletlerde, ýokary hilli ulanmaga tabşyrylmagyny berk gözegçilikde saklamak zerurdyr diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we wise-premýere birnäçe tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew söwda we dokma toplumynyň ministrliklerinde, telekeçilik ulgamynda şu ýylyň ýanwar — iýun aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri barada hasabat berdi.

Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi boýunça söwda dolanyşygynyň ösüşi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 103,1 göterime, önüm öndürmegiň ösüşi bolsa 104,5 göterime barabar boldy. Dokma senagaty ministrliginiň kärhanalarynda taýýarlanan önümleriň, şol sanda nah ýüplügiň, matalaryň önümçiliginiň ösüşi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, degişlilikde, 133,5 we 122 göterime deň boldy. Tikin, trikotaž önümleriniň ösüşi 104,4 göterime, gön önümçiliginiň ösüşi bolsa 118 göterime barabar boldy. «Türkmenhaly» döwlet birleşiginiň kärhanalarynda haly önümçiliginiň meýilnamasy 101,3 göterim ýerine ýetirildi. Döwlet haryt-çig mal biržasynda hasabat döwründe söwda geleşikleriniň 147-si geçirilip, şolarda 14 müň 40 şertnama hasaba alyndy. Söwda-senagat edarasy boýunça ýanwar — iýun aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň ösüşi 111,4 göterime deň boldy. Hasabat döwründe 12 sergi we 65 maslahat geçirildi. Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça oba hojalyk we azyk önümleriniň önümçiliginiň ösüşi şu ýylyň geçen alty aýynda 112,1 göterime, senagat önümçiligi bolsa 103,2 göterime barabar boldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, başga işe geçmegi sebäpli, R.Rejepowy Türkmenistanyň dokma senagaty ministri wezipesinden boşatdy we bu wezipä N.Orazgeldiýewi belledi.

N.Orazgeldiýew bildirilen uly ynam üçin hoşallyk bildirip, täze wezipede mundan beýläk-de tutanýerli zähmet çekjekdigine ynandyrdy hem-de hormatly Prezidentimize berk jan saglyk, döwlet ähmiýetli işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz O.Işangulyýewany, pensiýa gitmegi sebäpli, «Türkmenhaly» döwlet birleşiginiň başlygy wezipesinden boşatdy we bu wezipä Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň hem-de Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşiniň başlygy wezipesinde işleýän A.Durdyýewany belledi.

A.Durdyýewa bildirilen ynam üçin hoşallyk bildirip, täze wezipede netijeli işlemek üçin ähli bilimini, güýç-gaýratyny gaýgyrmajakdygyna ynandyrdy hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli işleriniň rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz wise-premýere ýüzlenip, içerki bazaryň azyk we beýleki zerur harytlar bilen üpjünçiligini gowulandyrmak üçin söwda toplumynyň önümçilik kuwwatyny doly peýdalanmagyň zerurdygyny nygtady. Dokma önümleriniň hilini, möçberini, daşarky bazarda bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmak babatda toplumlaýyn çäreleri görmek, dokma, haly we haly önümleriniň elektron söwdalaryny guramak üçin bu işe sanly ulgamy ornaşdyrmak möhümdir diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda hususy bölegiň işini giňeltmek boýunça netijeli işleri dowam etdirmek, Döwlet haryt-çig mal biržasynyň, Söwda-senagat edarasynyň işini has netijeli guramak zerurdyr. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda öndürilýän önümleri mahabatlandyrmak bilen, daşary döwletlerde söwda öýlerini açmak boýunça meseleleriň üstünde işlemegiň wajypdygyna ünsi çekip, wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa gözegçilik edýän ulgamynda şu ýylyň ýanwar — iýun aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Ýylyň birinji ýarymynda Aşgabat we Arkadag şäherlerinde, ýurdumyzyň welaýatlarynda milli senenamamyzda göz öňünde tutulan baýramçylyklar, Gündogaryň beýik akyldary, türkmen nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy, medeni-durmuş maksatly desgalaryň ulanmaga berilmegi mynasybetli dürli dabaralar, forumlar, konsertler guraldy. Şunuň bilen birlikde, ozal yglan edilen döredijilik bäsleşikleriniň jemleri jemlenip, ýeňijileri sylaglamak dabaralary geçirildi. Hasabat döwründe Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Döwlet sirkine, aýry-aýry professional sirk döredijilik toparlaryna «Milli» hukuk derejesini bermegiň tertibi we şertleri tassyklanyldy. Şunuň bilen bir hatarda, döwlet Baştutanymyzyň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy», «Änew — müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitaplarynyň, akyldar şahyrymyzyň umumadamzat gymmatlygyna öwrülen goşgulary ýerleşdirilen «Magtymguly» atly täze kitabyň tanyşdyrylyş dabaralary guraldy.

Ýylyň başyndan bäri Medeniýet ministrligi tarapyndan «Türkmen keçesi» we «Arkadag hem Pyragy — köňüller şamçyragy» atly kitaplar, «Arkadag pähiminden dörän seýilgäh» atly kitapça we «Türkmenistanyň milli taryhy-medeni mirasynyň obýektleriniň döwlet reýestri» çapa taýýarlanyldy we neşir edildi. Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli çärelere badalga bermek dabarasy geçirildi. Oňa birnäçe abraýly guramalaryň ýolbaşçylary we resmi wekiliýetleri gatnaşdylar. Şol döwürde daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň gatnaşmagynda metbugat maslahaty geçirildi.

Hasabat döwründe türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy bilen gurlan Arkadag şäheriniň açylyşynyň bir ýyllygy mynasybetli aýdym-sazly dabara, Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky Medeniýet ýylynyň ýapylyş dabarasy, «Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmegiň esasy ugurlary we mümkinçilikleri» atly halkara maslahat, «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumynyň hem-de Magtymguly Pyragynyň ýadygärliginiň açylyş dabarasy, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy, bagşy-sazandalaryň arasynda yglan edilen «Çalsana, bagşy!» atly bäsleşigiň welaýatlar we Arkadag şäheri boýunça jemleýji tapgyrlary geçirildi. Şunuň bilen birlikde, Arkadag şäherinde Medeniýet hepdeliginiň we onuň çäklerinde dürli çäreleriň üstünlikli geçirilendigi barada aýdyldy. Hasabat döwründe türkmen hünärmenleri daşary ýurtlarda iş saparlarynda bolup, şol ýerlerde geçirilen halkara medeni çärelere gatnaşdylar. Täjigistan Respublikasynda, Ýaponiýada, Gazagystan Respublikasynda Türkmenistanyň Medeniýet günleri üstünlikli geçirildi.

Şeýle-de şu ýylyň ýanwar — iýun aýlarynda ýurdumyzyň teatrlarynyň, Döwlet sirkiniň we Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň, kinoteatrlaryň, kinokonsert merkezleriniň, kitaphanalaryň, muzeýleriň, Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň, Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň, Döwlet habarlar agentliginiň ýerine ýetiren işleriniň netijeleri barada hasabat berildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, saglyk ýagdaýy sebäpli, A.Aşyrowy Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň başlygy wezipesinden boşatdy. Bu wezipä «Aşgabat» teleýaýlymynyň başlygy wezipesinde işlän M.Rejepow bellenildi.

Hormatly Prezidentimize bildiren uly ynamy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, M.Rejepow Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň öňünde duran wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek babatda ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy. Ol döwlet Baştutanymyza berk jan saglyk, uzak ömür, Watanymyzyň gülläp ösmeginiň, halkymyzyň abadançylygynyň bähbidine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

«Aşgabat» teleýaýlymynyň başlygy wezipesine S.Begenjow bellenildi. Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ş.Purmämmedowy «Ýaşlyk» teleradioýaýlymynyň başlygy wezipesinden boşatdy. Bu teleradioýaýlymyň başlygy wezipesine Ý.Kasymow bellenildi. Döwlet Baştutanymyz wezipä täze bellenen ýolbaşçylara üstünlikleri arzuw edip, degişli resminamalara gol çekdi.

Hormatly Prezidentimiz wise-premýere ýüzlenip, türkmen medeniýetini, sungatyny, edebiýatyny ösdürmek boýunça, şeýle hem halkymyzyň gadymy mirasyny, şan-şöhratly taryhyny ylmy taýdan düýpli öwrenmek, gorap saklamak, dünýä ýaýmak boýunça maksatnamalaýyn işleri dowam etdirmegiň zerurdygyny nygtady. Şunuň bilen birlikde, çagalar sungat we çeperçilik mekdepleriniň işini talabalaýyk guramagyň hem-de kämilleşdirip durmagyň möhümdigine üns çekildi. Döwlet Baştutanymyz döwrebap, many-mazmunly täze filmleri surata düşürmegi dowam etdirmegiň wajypdygyny belledi. Taryhy we medeni ýadygärlikleri rejelemek, dikeltmek, gorap saklamak üçin netijeli işleri ýola goýmak, Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň önümçilik kuwwatyny netijeli ulanmak hem ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda görkezildi. Wise-premýere ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 33 ýyllyk baýramyna gowy taýýarlyk görmek tabşyryldy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow şu ýylyň birinji ýarymynda bilim, ylym, saglygy goraýyş we sport ulgamlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe ylymly-bilimli nesli terbiýelemäge, bilim işini döwrebaplaşdyrmaga, bilim edaralaryny neşir önümleri bilen üpjün etmäge gönükdirilen çäreler dowam etdirildi. Geçen döwürde halkara ders bäsleşikleriniň, olimpiadalaryň geçirilýän merkezi hökmünde eziz Watanymyzyň abraýy has-da pugtalandy. Okuwçylar we talyp ýaşlar halkara ders, internet bäsleşiklerinde jemi 156 altyn, 242 kümüş, 339 bürünç medal gazandylar. Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, «Bilim işiniň döwlet akkreditasiýasy hakynda Düzgünnama» hem-de «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy» tassyklanyldy. 1-nji synpa kabul ediljek çagalara sowgat beriljek noutbuk kompýuterleri bilen bagly degişli işler häzirki wagtda tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar.

2-nji iýunda tomusky dynç alyş möwsümine badalga berlip, Gökderedäki, Awazadaky, welaýatlardaky çagalar sagaldyş-dynç alyş merkezlerinde jemi 11 müňe golaý çaga dynç aldy. Ylym ulgamy yzygiderli kämilleşdirilýär, ylmy barlaglaryň netijeliligi ýokarlandyrylýar, ileri tutulýan ugurlar boýunça alymlary we ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlamak işi dowam etdirilýär. «Türkmenistanda biotehnologiýany toplumlaýyn ösdürmegiň 2024 — 2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy», Ylmy iş hakynda ylmy maksatnamalary (taslamalary), meýilnamalary we hasabatlary döwlet tarapyndan hasaba almagy guramagyň we geçirmegiň Tertibi tassyklanyldy. Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň «Oguz han» ylmy-tehnologiýalar merkezi döredildi, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkezine halkara ylmy-tehnologiýa parkynyň hukuk derejesi berildi.

Şu ýylyň birinji ýarymynda halkara ylmy forumlaryň birnäçesi geçirildi. Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli ylmy-amaly maslahatlar, sergiler, tanyşdyrylyş dabaralary guraldy.

Hasabat döwründe öňüni alyş-bejeriş işleriniň öňdebaryjy usullary amaly lukmançylyga ornaşdyryldy. Ýurdumyzyň raýatlarynyň derman we sarp ediş serişdeleri bilen elýeterliligi halkara talaplara laýyklykda üpjün edildi. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna näsag çagalara operasiýalar we bejergiler geçirildi. Gazna tarapyndan ýurdumyzyň saglygy goraýyş edaralaryna gemodializ enjamlary sowgat berildi. Täze ylmy-kliniki merkezleriň gurluşyk işleri güýçli depginde alnyp baryldy. Mary welaýat Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezi ulanmaga berildi.

Wise-premýer sport ulgamynda alnyp barylýan işler barada hasabat berip, bedenterbiýäni we sporty ösdürmek, ussat türgenleri taýýarlamak boýunça çäreleriň dowam etdirilýändigini aýtdy. Hokkeý boýunça geçirilen halkara ýaryş, Aşgabat şäheriniň «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edilmegi ýurdumyzyň sport abraýyny has-da pugtalandyrdy. Bütindünýä saglyk güni, Bütindünýä welosiped güni mynasybetli köpçülikleýin welosipedli ýörişler geçirildi. Hasabat döwründe türgenlerimiz 122 altyn, 103 kümüş, 136 bürünç medal gazandylar. Aziýanyň tennis federasiýasy tarapyndan Aşgabat şäherindäki Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumy «Tennis boýunça Aziýa sebitiniň okuw-türgenleşik merkezi» diýlip yglan edildi hem-de degişli güwänama gowşuryldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, N.Amannepesowy, başga has jogapkärli işe geçmegi sebäpli, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary wezipesinden boşatdy. Bellenilişi ýaly, N.Amannepesow saglygy goraýyş ulgamynda köp ýyllaryň dowamynda toplan tejribesini täze gurulýan halkara merkezlerde netijeli ulanar.

Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport, ýaşlar we jemgyýetçilik meseleleri boýunça orunbasary wezipesine B.Orazdurdyýewany belläp, ony bilim ministri wezipesinden boşatdy.

B.Orazdurdyýewa hormatly Prezidentimize bildiren uly ynamy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, bu ulgamlaryň öňünde duran möhüm wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek üçin ähli çäreleri görjekdigine ynandyrdy. Ol Arkadagly Gahryman Serdarymyza berk jan saglyk, uzak ömür, eziz Watanymyzyň gülläp ösmegi, türkmenistanlylaryň abadançylygy ugrunda alyp barýan giň gerimli işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

Bilim ministri wezipesine Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory wezipesinde işlän J.Gurbangeldiýew bellenildi.

Bilim ministrliginiň täze ýolbaşçysy döwlet Baştutanymyza bildiren uly ynamy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, bu ulgamyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek üçin ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy. J.Gurbangeldiýew hormatly Prezidentimize berk jan saglyk, uzak ömür, eziz Watanymyzyň, halkymyzyň rowaçlygynyň bähbidine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory wezipesine G.Ýusupowany belläp, ony şu ýokary okuw mekdebiniň okuw işleri boýunça prorektory wezipesinden boşatdy. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektory wezipesine O.Öwezsähedow bellenildi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow, işde goýberen düýpli kemçilikleri üçin, P.Orazowy Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektory wezipesinden boşatdy. Şu institutyň rektory wezipesine Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň prorektory wezipesinde işleýän B.Mämmedow bellenildi.

(Dowamy 4-nji sahypada).

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### R.Ş.REJEPOW hakynda

**Resul Şyhdurdyýewiç Rejepowy,** başga işe geçmegi sebäpli, Türkmenistanyň dokma senagaty ministri wezipesinden boşatmaly.

***Türkmenistanyň Prezidenti***
***Serdar BERDIMUHAMEDOW.***

Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 12-nji iýuly.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### O.A.IŞANGULYÝEWA hakynda

**Ogulhajat Amanmyradowna Işangulyýewany,** pensiýa gitmegi sebäpli, Türkmenistanyň «Türkmenhaly» döwlet birleşiginiň başlygy wezipesinden boşatmaly.

***Türkmenistanyň Prezidenti***
***Serdar BERDIMUHAMEDOW.***

Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 12-nji iýuly.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### A.K.DURDYÝEWA hakynda

**Akjemal Kerimberdiýewna Durdyýewany** Türkmenistanyň «Türkmenhaly» döwlet birleşiginiň başlygy wezipesine bellemeli.

***Türkmenistanyň Prezidenti***
***Serdar BERDIMUHAMEDOW.***

Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 12-nji iýuly.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### A.G.AŞYROW hakynda

**Arslan Gurbanmämmedowiç Aşyrowy,** saglyk ýagdaýy sebäpli, Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň başlygy wezipesinden boşatmaly.

***Türkmenistanyň Prezidenti***
***Serdar BERDIMUHAMEDOW.***

Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 12-nji iýuly.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### M.B.REJEPOW hakynda

**Meýlis Baýrammyradowiç Rejepowy** Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň başlygy wezipesine belläp, ony Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň «Aşgabat» teleýaýlymynyň başlygy wezipesinden boşatmaly.

***Türkmenistanyň Prezidenti***
***Serdar BERDIMUHAMEDOW.***

Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 12-nji iýuly.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### N.K.AMANNEPESOW hakynda

**Nurmuhammet Kakabaýewiç Amannepesowy,** başga işe geçmegi sebäpli, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary wezipesinden boşatmaly.

***Türkmenistanyň Prezidenti***
***Serdar BERDIMUHAMEDOW.***

Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 12-nji iýuly.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### G.G.ÝUSUPOWA hakynda

**Gülşat Geldiýewna Ýusupowany** Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory wezipesine belläp, ony Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň okuw işleri boýunça prorektory wezipesinden boşatmaly.

***Türkmenistanyň Prezidenti***
***Serdar BERDIMUHAMEDOW.***

Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 12-nji iýuly.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### O.K.ÖWEZSÄHEDOW hakynda

**Orazgeldi Kakabaýewiç Öwezsähedowy** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektory wezipesine bellemeli.

***Türkmenistanyň Prezidenti***
***Serdar BERDIMUHAMEDOW.***

Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 12-nji iýuly.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### ORAZOW P.O. hakynda

**Orazow Parahat Orazmuhamedowiçi,** işde goýberen düýpli kemçilikleri üçin, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektory wezipesinden boşatmaly.

***Türkmenistanyň Prezidenti***
***Serdar BERDIMUHAMEDOW.***

Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 12-nji iýuly.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### B.M.MÄMMEDOW hakynda

**Batyr Meretdurdyýewiç Mämmedowy** Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektory wezipesine belläp, ony Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň okuw işleri boýunça prorektory wezipesinden boşatmaly.

***Türkmenistanyň Prezidenti***
***Serdar BERDIMUHAMEDOW.***

Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 12-nji iýuly.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

(Başlangyjy 1 — 3-nji sahypalarda).

Döwlet Baştutanymyz täze bellenen ýolbaşçylara üstünlikleri arzuw edip, degişli resminamalara gol çekdi.

Hormatly Prezidentimiz mejlisiň dowamynda 2024-nji ýylda ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegiň meýilnamasyny tassyklamak hakynda; ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmek boýunça döwlet toparynyň düzümini tassyklamak hakynda; 2024-2025-nji okuw ýylynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň okuwlaryna kabul etmegiň meýilnamalaryny tassyklamak hakynda Buýruklara gol çekip, okuwa girmäge isleg bildirýän ýaşlara uly üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra wise-premýeriň we bu ulgamyň edaralarynyň ýolbaşçylarynyň öňünde durýan möhüm wezipeler kesgitlenildi. Täze okuw ýylyna gowy taýýarlyk görmek, orta we ýokary okuw mekdeplerinde abatlaýyş işlerini geçirmek, ýokary okuw mekdeplerine zehinli, mynasyp ýaşlary kabul etmek, giriş synaglaryny guramaçylykly we adalatly geçirip, jemgyýetçilik gözegçiligini ýola goýmak esasy wezipeleriň hatarynda görkezildi. Şeýle hem bilim maksatnamalarynydyr meýilnamalary kämilleşdirilmelidir, mekdepler okuw kitaplary, gollanmalar bilen ýeterlik möçberde üpjün edilmelidir.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň saglygy goraýyş edaralarynda hyzmatlary ýokary hilli ýola goýmagyň, lukmanlaryň tejribesini artdyrmak üçin amaly-tejribe saparlaryny guramagyň zerurdygyny belledi. Şeýle hem derman senagatyny has-da ösdürmek, ilaty ýokary hilli derman we saglygy goraýyş serişdeleri bilen doly üpjün etmek üçin zerur çäreleri görmegiň wajypdygy nygtaldy. Hormatly Prezidentimiz sport desgalaryny netijeli dolandyrmak, ýaşlary bedenterbiýe, köpçülikleýin sport bilen meşgullanmaga giňden çekmek boýunça netijeli işleri geçirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy ylym babatda ösen döwlete öwürmek üçin ylmy-barlag işlerini dowam etdirmegi tabşyrdy. Şunuň bilen baglylykda, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmek möhümdir.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew gözegçilik edýän düzümlerinde şu ýylyň geçen alty aýynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe bu toplum boýunça ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň ösüş depgini 116,8 göterime deň boldy. Şu ýylyň birinji ýarymynda awtomobil, demir ýol, howa, deňiz we derýa ulaglary boýunça ýük daşamagyň ösüş depgini 105 göterim, ýolagçy gatnatmagyň ösüş depgini 103,4 göterim berjaý edildi.

Ýanwar — iýun aýlarynda «Türkmendemirýollary» agentligi boýunça ýerine ýetirilen hyzmatlaryň ösüşi 105,1 göterime, «Türkmenawtoulaglary» agentligi boýunça 110 göterime, «Türkmenhowaýollary» agentligi boýunça 149,4 göterime, «Türkmendeňizderýaýollary» agentligi boýunça 109,7 göterime, «Türkmenaragatnaşyk» agentligi boýunça 112,7 göterime deň boldy.

«Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyndan» gelip çykýan wezipeleri çözmek boýunça durmuşa geçirilýän işler barada-da aýdyldy. BMG-niň Ösüş maksatnamasy bilen bilelikde pudagara elektron maglumat alşygy ulgamyny ornaşdyrmak babatda degişli işler alnyp barylýar. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ulag-kommunikasiýa toplumyna degişli önümçilik we durmuş maksatly desgalaryň gurluşygy dowam etdirilýär. Hasabat döwründe halkara forumlaryň we bilelikdäki iş toparlarynyň mejlisleriniň birnäçesi geçirildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ulag we kommunikasiýalar toplumynyň öňünde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmek bilen, ýolagçylary gatnatmagyň we ýükleri daşamagyň möçberini artdyrmak, hilini gowulandyrmak boýunça işleri dowam etdirmegiň zerurdygyny belledi. Şunuň bilen birlikde, howa menzilleriniň durkuny täzelemek, uçarlaryň düzümini yzygiderli döwrebaplaşdyrmak boýunça netijeli işleri geçirmek, demir ýol ulgamynyň geçirijilik ukybyny artdyrmak, maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek babatda degişli çäreleri görmek tabşyryldy. Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň mümkinçiliklerini, «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynyň kuwwatyny doly güýjünde ulanmak möhümdir. Hormatly Prezidentimiz aragatnaşyk ulgamyny hem döwrüň talabyna görä döwrebaplaşdyryp durmagyň wajypdygyny belläp, agentligiň ýolbaşçysyna birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra ýurdumyzyň welaýatlarynyň häkimleri hasabatlar bilen çykyş etdiler.

Ahal welaýatynyň häkimi R.Hojagulyýew 2024-nji ýylyň ýanwar — iýun aýlarynda welaýatda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň yzygiderli goldawlaryndan ruhlanan welaýatyň babadaýhanlary şu ýyl Watan harmanyna 400 müň tonnadan gowrak bugdaý hasylyny tabşyryp, şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirdiler. Häzirki wagtda ýygnalan hasyly galla kärhanalaryna daşamak, bugdaý oragyndan boşan meýdanlarda sürüm işleri alnyp barylýar. Welaýatyň gowaça ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri geçirilýär. Sebitiň ekerançylyk meýdanlarynda gök-bakja ekinleriniň hasylyny ýygnamak, şol önümler bilen içerki bazarlarymyzy üpjün etmek, bu ekinleriň güýzki ekişine taýýarlyk işleri dowam edýär.

Balkan welaýatynyň häkimi H.Aşyrmyradow şu ýylyň birinji ýarymynda welaýatda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak babatda öňde goýan wezipelerinden ugur alnyp, welaýatyň zähmetsöýer daýhanlary 80 müň tonnadan gowrak bugdaý hasylyny öndürip, şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli berjaý etdiler. Şu günler ýygnalan bugdaý hasylyny elewatorlara we ammarlara daşamak, galla oragyndan boşan meýdanlary sürmek we indiki ekiş möwsümine taýýarlamak boýunça degişli işler geçirilýär. Welaýatyň «ak altyn» meýdanlarynda hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar. Ýeralmanyň we gök-bakja ekinleriniň ýetişdirilen hasylyny ýitgisiz ýygnap almak, bu ekinleriň güýzki möwsümde ekiljek ýerlerini taýýarlamak boýunça işler dowam etdirilýär.

Soňra Daşoguz welaýatynyň häkimi S.Soltanmyradow ýurdumyzyň demirgazyk sebitinde 2024-nji ýylyň birinji ýarymynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, şu ýyl welaýatyň edermen gallaçylary tarapyndan Watan harmanyna 270 müň tonnadan gowrak bugdaý hasyly tabşyryldy. Häzirki wagtda orakdan boşan ýerleri geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý ekişine taýýarlamak üçin sürüm geçirmek, tohum taýýarlamak işleri alnyp barylýar. Gowaça ekilen meýdanlarda hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri agrotehnikanyň talaplaryna laýyklykda ýerine ýetirilýär. Welaýatyň şaly ekilen meýdanlarynda ideg etmek işleri dowam edýär. Ilaty ýurdumyzda öndürilýän ýeralma we beýleki gök-bakja önümleri bilen ýeterlik möçberde üpjün etmek boýunça öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, welaýatda bu ekinleriň hasylyny ýygnap almak işleri dowam edýär.

Lebap welaýatynyň häkimi Ş.Amangeldiýew sebitde 2024-nji ýylyň ýanwar — iýun aýlarynda alnyp barlan işleriň jemleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň oba ilatynyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak babatda üstünlikli durmuşa geçirýän işlerinden ruhlanan welaýatyň gallaçy babadaýhanlary şu ýyl 310 müň tonnadan gowrak bugdaý hasylyny ýygnap, bu babatdaky şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli berjaý etdiler. Häzirki wagtda welaýatda ýygnalan bugdaý hasylyny elewatorlara we ammarlara daşamak, ýerleşdirmek, galla kärhanalarynda talabalaýyk saklamak boýunça zerur işler geçirilýär. Bugdaý oragyndan boşan meýdanlary ekiş möwsümine taýýarlamak üçin sürüm işleri dowam edýär. Gowaça ekilen meýdanlarda ideg işleri ýerine ýetirilýär. Şunda oba hojalyk tehnikalary doly güýjünde işledilýär. Sebitde ýetişdirilen ýeralmanyň, gök-bakja ekinleriniň hasylyny ýygnap almak boýunça hem degişli işler alnyp barylýar. Şaly ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri dowam edýär.

Mary welaýatynyň häkimi B.Orazow şu ýylyň ýanwar — iýun aýlarynda welaýatda alnyp barlan işler barada hasabat berdi.

Hasabatda nygtalyşy ýaly, şu ýyl welaýatyň gallaçy daýhanlary 345 müň tonnadan gowrak bugdaý hasylyny ýetişdirip, şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirdiler. Häzirki wagtda ýygnalan hasyly galla kabul ediş nokatlaryndan elewatorlara we ammarlara ýitgisiz daşamak, tabşyrylan hasyl üçin bugdaý öndürijiler bilen hasaplaşyklary geçirmek boýunça zerur işler alnyp barylýar. 2025-nji ýylyň bugdaý hasylynyň düýbüni tutmak, meýdanlary, ýokary hilli bugdaý tohumlaryny ekiş möwsümine taýýarlamak boýunça degişli işler geçirilýär. Gowaça ekilen meýdanlarda hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri ýerine ýetirilýär. Welaýatda ýeralmanyň we gök-bakja ekinleriniň hasylyny ýygnap almak, bu önümleri içerki bazarlarymyzda ilata ýetirmek, güýzki möwsümde oba hojalyk ekinleriniň ekiljek meýdanlaryny taýýarlamak boýunça degişli işler geçirilýär. Sebitde gant şugundyrynyň ekişini talabalaýyk geçirmek, ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş suwuny tutmak boýunça hem zerur işler alnyp barylýar.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewe söz berildi. Ol hasabatyny ýurdumyzyň gallaçylary tarapyndan 1 million 400 müň tonnadan gowrak bugdaý hasylynyň öndürilip, bu ugurda bellenen şertnamalaýyn borçnamanyň üstünlikli berjaý edilendigi baradaky hoş habardan başlady. Wise-premýer oba hojalyk pudagyny toplumlaýyn ösdürmek babatda berýän uly goldawy üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza berk jan saglyk, uzak ömür, halkymyzyň abadançylygynyň bähbidine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra wise-premýer gözegçilik edýän pudaklarynda şu ýylyň birinji ýarymynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, obasenagat toplumynda amala aşyrylýan özgertmeler, ýurdumyzyň welaýatlarynda oba hojalyk işleriniň geçirilişi barada hasabat berdi.

Obasenagat toplumy boýunça önümçiligiň ösüşi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 124 göterime barabar boldy. Bu görkeziji Oba hojalyk ministrligi boýunça 100,7 göterime, Daşky gurşawy goramak ministrligi boýunça 105,2 göterime, Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti boýunça 138,8 göterime, «Türkmenpagta» döwlet konserni boýunça 100,7 göterime, «Türkmengallaönümleri» döwlet birleşigi boýunça 221,9 göterime, «Türkmenobahyzmat» döwlet birleşigi boýunça 108,4 göterime, Azyk senagaty döwlet birleşigi boýunça 104,1 göterime, Maldarçylyk we guşçulyk senagaty döwlet birleşigi boýunça 110,3 göterime, «Türkmen atlary» döwlet birleşigi boýunça 101,3 göterime barabar boldy. Maýa goýum serişdelerini özleşdirmegiň meýilnamasy 475,7 göterim ýerine ýetirildi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýygnalan bugdaý hasylyny galla kabul ediş nokatlaryndan ammarlara we elewatorlara daşamak, olary talabalaýyk ýerleşdirmek boýunça degişli işler ýerine ýetirilýär. Möwsümleýin oba hojalyk işleriniň çäklerinde gowaça ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda hatarara bejergi geçirmek, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwlaryny tutmak işleri dowam etdirilýär. Daşoguz, Lebap welaýatlarynyň şaly ekilen meýdanlarynda ideg etmek hem-de welaýatlarymyzyň maldarçylyk hojalyklarynda mallar üçin otiýmleriň ätiýaçlyk gorlaryny döretmek boýunça degişli işler geçirilýär. Ekerançylyk meýdanlarynyň suw üpjünçiligini, ýerleriň meliorativ ýagdaýyny gowulandyrmak, suw serişdelerini tygşytly we rejeli peýdalanmak maksady bilen, suw howdanlaryna suw toplamak, derýalaryň kenarlaryny berkitmek işleri alnyp barylýar.

Döwlet Baştutanymyz wise-premýer T.Atahallyýewe, oba hojalyk pudagynyň ýolbaşçylaryna, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlerine ýüzlenip, «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny», şeýle hem Oba milli maksatnamasyny üstünlikli durmuşa geçirmegiň möhümdigini nygtady.

Hormatly Prezidentimiz welaýatlarda, şäherlerde ýaşaýyş jaýlarynyň, hassahanalaryň we beýleki durmuş maksatly binalaryň gurluşygyna berk gözegçilik etmegiň, şäherleriň binagärlik-şähergurluşyk keşbini mundan beýläk-de abadanlaşdyrmagyň, ilatyň ýaşamagy, zähmet çekmegi, dynç almagy üçin oňaýly şertleri döretmek üçin ähli amatlyklary bolan binalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň, seýilgähleriň gurluşygyny dowam etdirmegiň zerurdygyna ünsi çekdi. Ilaty arassa agyz suwy, elektrik energiýasy, tebigy gaz bilen üpjün etmek üçin degişli işleri alyp barmak möhümdir diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmek, abatlaýyş işlerini wagtynda geçirmek üçin ähli çäreleri görmegi tabşyrdy. Hormatly Prezidentimiz ýerli býujetiň doly we talabalaýyk ýerine ýetirilmegini üpjün etmegiň wajypdygyna ünsi çekip, salgytlaryň, ýerli ýygymlaryň gelip gowuşmagyny gazanmak babatda görkezmeleri berdi.

Döwlet Baştutanymyz welaýatlarda oba hojalyk ekinleriniň ýokary hasylyny ýetişdirmek üçin ideg işlerini agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda geçirmegiň zerurdygyny nygtap, oba hojalyk önümleriniň, hususan-da, gallanyň, gowaçanyň hasylyny artdyrmak babatda guramaçylyk we usuly işleri güýçlendirmegi tabşyrdy. Şeýle-de çörek we çörek önümleriniň, beýleki galla önümleriniň üpjünçiligini yzygiderli gowulandyrmagyň, ilaty azyk önümleri bilen doly üpjün etmegiň, azyk bolçulygyny döretmegiň, azyk senagatyna degişli kärhanalary döwrebaplaşdyrmak boýunça degişli işleri geçirmegiň zerurdygy nygtaldy. Hormatly Prezidentimiz ýokary hilli, ekologik taýdan arassa azyk we beýleki oba hojalyk önümleriniň önümçiligini artdyrmagyň möhümdigine ünsi çekip, maldarçylyk, guşçulyk pudagyny ösdürmek üçin öňdebaryjy usullary ulanmak, innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça işleri dowam etdirmegi, oba hojalyk pudagyna önümçilik-tehniki taýdan hyzmat etmek, oba hojalyk tehnikalaryny netijeli ulanmak babatda alnyp barylýan işleri döwrebap ýola goýmagy tabşyrdy. Mundan başga-da, döwlet Baştutanymyz pagta we ýüpek, olary gaýtadan işlemekden alynýan önümler babatda geçirilýän işleri kämilleşdirmegiň wajypdygyny belledi.

Oba hojalyk meýdanlaryny suwarmagyň hilini gowulandyrmak maksady bilen, suw tygşytlaýjy tehnologiýalary giňden ornaşdyrmagy dowam etdirmek zerurdyr diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we şu ýyl gowaçanyň bol hasylyny öndürmek üçin zerur işleri geçirmegiň, kärendeçilere, beýleki oba hojalyk önüm öndürijilere hemmetaraplaýyn ýardam bermegiň möhümdigini nygtady we bu babatda wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet Baştutanymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, ýurdumyzda gallanyň bol hasylynyň ýygnalandygyny, gallaçy daýhanlarymyzyň Watan harmanyna ýokary hilli bugdaý tabşyryp, guwandyryjy netijeleri gazanandygyny kanagatlanma bilen belledi. Ýygnalan bol galla hasyly mähriban halkymyzyň, berkarar Watanymyzyň baýlygydyr, saçaklarymyzyň rysgal-berekedidir diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz galla hasylyny ýetişdirmekde we ýitgisiz ýygnap almakda uly işleri bitiren, Watan öňündäki şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetiren ussat gallaçy babadaýhanlarymyzy tüýs ýürekden gutlap, olara täze üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow şu ýylyň birinji ýarymynda Daşary işler ministrligi tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasyny durmuşa geçirmek, döwlet Baştutanymyzyň daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek, halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça ozal beren tabşyryklaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, degişli işler geçirildi.

Halkara gatnaşyklary pugtalandyrmakda we giňeltmekde ýokary derejedäki saparlardyr gepleşiklere aýratyn orun degişlidir. Şunuň bilen baglylykda, hasabat döwründe hormatly Prezidentimiziň Russiýa Federasiýasyna iş saparyny amala aşyrandygy bellenildi. Döwlet Baştutanymyz 9-njy maýda Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 79 ýyllygy mynasybetli guralan dabaraly çärelere hormatly myhman hökmünde gatnaşdy. Ýylyň başyndan bäri türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Birleşen Arap Emirliklerinde, Türkiýe Respublikasynda, Täjigistan Respublikasynda, Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynda, Eýran Yslam Respublikasynda, Gazagystan Respublikasynda saparlarda boldy. Hasabat döwründe Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Türkmenistana döwlet saparyny amala aşyrdy.

Bellenilişi ýaly, 24-nji maýda paýtagtymyzda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisi geçirildi. Oňa gatnaşmak maksady bilen, Russiýa Federasiýasynyň, Belarus Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň we Täjigistan Respublikasynyň Hökümetleriniň ýolbaşçylary Aşgabada iş sapary bilen geldiler. Abraýly halkara guramalar bilen köpugurly hyzmatdaşlygy ösdürmek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Şu ýyl BMG-niň, ÝHHG-niň, Halkara Syýahatçylyk Guramasynyň, Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ), Türki Döwletleriň Guramasynyň, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Baş sekretarlary ýurdumyzda saparda boldular.

Daşary ýurt wekiliýetleriniň Türkmenistana hem-de ýurdumyzyň wekiliýetleriniň daşary ýurtlara amala aşyran saparlary, halkara derejedäki gepleşikler we duşuşyklar dürli ulgamlarda netijeli gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirildi. Daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklaryň şertnama-hukuk binýadynyň üsti 98 resminama bilen ýetirildi.

(Dowamy 5-nji sahypada).

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

(Başlangyjy 1 — 4-nji sahypalarda).

Daşary syýasat edaralarynyň ugry boýunça ikitaraplaýyn gatnaşyklar yzygiderli häsiýete eýe bolýar. Hasabat döwründe Ýewropa Bileleşiginiň daşary syýasat we howpsuzlyk boýunça ýokary wekili bilen gepleşikler geçirildi. Ilçihanalar arkaly diplomatik gatnaşyklary pugtalandyrmaga uly ähmiýet berlip, bu ugurda degişli çäreler görülýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp we Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, deňhukukly, özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasaty alyp barýandygyny belläp, bu ugurda netijeli halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça işleri dowam etdirmegiň wajypdygyny nygtady. Milli ulag-logistika, ýangyç-energetika, suw we ekologiýa diplomatiýamyzy nazara alyp, dünýä döwletleri, halkara guramalar bilen netijeli işleri dowam etdirmek möhümdir diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 2025-nji ýyl BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Şunuň bilen baglylykda, geljek ýylda ýurdumyzda geçirilmeli halkara çärelere gowy taýýarlyk görmek zerurdyr diýip, hormatly Prezidentimiz belledi we wise-premýer, daşary işler ministrine birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa şu ýylyň birinji ýarymynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada maglumat berdi.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň Kanunlarynyň 10-sy, şol sanda «Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medalyny döretmek hakynda», «Magtymguly Pyragynyň medeni mirasy hakynda», «Energiýany tygşytlamak we energiýadan netijeli peýdalanmak hakynda», «Gidrometeorologiýa işi hakynda», «Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda halkara awtomobil gatnawlary hakynda Ylalaşygy tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi. Şunuň bilen birlikde, dürli ulgamlarda gatnaşyklary kadalaşdyrmaga gönükdirilen kanunlaryň birnäçesi döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirildi, Mejlisiň kararlarynyň 11-si kabul edildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjileri üçin Mejlisiň deputatlarynyň gatnaşmagynda kanun çykaryjylyk işiniň döwrebap usullary we ýörelgeleri barada okuw sapaklary guraldy. Häzirki wagtda iş toparlarynda halkara tejribeden ugur alyp, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň täze beýanynyň taslamasyny taýýarlamak, Türkmenistanyň Býujet, Ilaty durmuş taýdan goramak, Sanitariýa kodekslerine hem-de bedenterbiýe we sport, sportda dopinge garşy göreşmek, döwlet ylmy-tehniki syýasaty, ylmy edaralar, tohumçylyk işi bilen baglanyşykly birnäçe kanunlara degişli üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek boýunça işler dowam etdirilýär.

13-nji iýulda Mejlisiň ýedinji çagyrylyşynyň altynjy maslahatyny geçirmek meýilleşdirilýär. Şunuň bilen birlikde, şu ýylyň 7-nji iýulynda Aşgabat şäheriniň 1-nji «Garaşsyzlyk», 2-nji «Bitaraplyk», 6-njy «Köpetdag» saýlaw okruglarynda Mejlisiň möhletinden öň çykyp giden deputatlarynyň saýlaw okruglary boýunça saýlawlaryň geçirilendigi barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça şu ýylyň birinji ýarymynda daşary ýurtlaryň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçileriniň 9-syndan ynanç hatlary kabul edildi. Ýylyň başyndan bäri Mejlisde daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň wekilleri bilen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk meselelerini ara alyp maslahatlaşmak boýunça duşuşyklaryň 26-sy geçirildi. Mejlisiň deputatlarydyr hünärmenleri kanun çykaryjylyk işini kämilleşdirmek, döwlet maksatnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça halkara guramalar bilen bilelikde guralan maslahatlaryň 64-sine gatnaşdylar. Kanun çykaryjylyk işinde tejribe alyşmak maksady bilen, deputatlaryň daşary ýurtlara iş saparlarynyň 23-si guraldy. Şeýle hem deputatlaryň döwlet syýasatyny, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň taryhy, syýasy-jemgyýetçilik ähmiýetini, kabul edilen kanunlaryň many-mazmunyny halk köpçüligine düşündirmek, wagyz etmek boýunça degişli işleri alyp barýandyklary barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow kanunçylyk-hukuk binýadyny berkitmek boýunça işlenip taýýarlanan Türkmenistanyň Kanunlarynyň 10-synyň kabul edilendigini, birnäçe kanunlara üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilendigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwletimiziň hukuk binýadyny berkitmek we döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de netijeli dowam etdirmegiň möhümdigi nygtaldy.

Soňra döwlet Baştutanymyz giňişleýin mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, Garaşsyz ýurdumyzda şu ýylyň alty aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleriniň kabul eden maksatnamalarymyzyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini görkezýändigini belledi. Hasabat döwründe jemi içerki önümiň ösüş depgini 6,3 göterime deň boldy. Bu görkeziji senagat pudagynda 3,6 göterime, oba hojalyk pudagynda 5,8 göterime, ulag we aragatnaşykda 7,3 göterime, hyzmatlar ulgamynda 7,9 göterime, söwda ulgamynda 7,8 göterime, gurluşykda bolsa 9,3 göterime deň boldy.

«Türkmenistany 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda, hasabat döwründe ýurdumyzda 15 milliard 420 million manatlyk düýpli maýa goýumlar özleşdirildi. Bu bolsa, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 21 göterim köpdür diýip, hormatly Prezidentimiz kanagatlanma bilen belledi. Diýarymyzyň welaýatlarynda, şäherlerinde we etraplarynda meýdany 454 müň inedördül metre barabar bolan ýaşaýyş jaýlary ulanmaga berildi. Şeýle hem senagat desgalarynyň, çagalar baglarynyň, mekdepleriň, beýleki desgalaryň gurluşyklary meýilnama esasynda alnyp barylýar.

Nygtalyşy ýaly, geçen ýarym ýylda ýurdumyzyň ykdysadyýeti durnukly ösdürildi. Bäsdeşlige ukyply, ýokary hilli dürli harytlary öndürýän täze kärhanalary döretmek boýunça zerur işler alnyp baryldy, köp sanly täze senagat desgalary gurlup ulanmaga berildi. Şunuň bilen birlikde, ykdysady we maliýe durnuklylygyny gazanmak, iş bilen üpjünçiligi ýokarlandyrmak boýunça zerur işleriň geçirilýändigi nygtaldy. Ýurdumyzyň eksport mümkinçiligi artdyrylyp, pudaklara sanly tehnologiýalar giňden ornaşdyrylýar diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi.

Hormatly Prezidentimiz geljekki meýilnamalara ünsi çekip, şu ýylyň ikinji ýarymynda köp sanly möhüm halkara hem-de milli derejedäki çäreleriň meýilleşdirilýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwletimiziň Garaşsyzlyk we Bitaraplyk baýramlaryny, akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan çäreleri ýokary derejede geçirmegiň zerurdygyna üns çekildi.

Garaşsyzlyk baýramynyň bellenilýän günlerinde paýtagtymyz Aşgabatda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi hem geçiriler. Mejlisde berkarar döwletimiziň ösüşinde gazanylan üstünlikleriň, ýetilen sepgitleriň jemleri jemleniler, öňde duran möhüm wezipeler ara alnyp maslahatlaşylar diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň we Mejlisiň Ministrler Kabineti, häkimlikler, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde Halk Maslahatynyň mejlisini geçirmäge häzirden düýpli taýýarlyk görüp başlamagynyň zerurdygy nygtaldy. Türkmenistanyň Halk Maslahaty bu ýokary wekilçilikli edaranyň nobatdaky mejlisini çagyrmak, geçiriljek senesini kesgitlemek we ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk toparyny döretmek hem-de onuň düzümini tassyklamak barada Karar kabul etse, maksadalaýyk bolar diýip hasap edýärin diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, medeni ulgamlarynda uly üstünlikleri gazanan, il içinde uly abraýdan peýdalanýan raýatlarymyzy döwlet sylaglary bilen sylaglamak we olara hormatly atlary dakmak üçin hödürlemek hem-de resmileşdirmek boýunça işler degişli guramaçylyk topary tarapyndan alnyp barylmalydyr. Geçiriljek bu işler Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň, soňra bolsa Türkmenistanyň Mejlisiniň karary esasynda ýerine ýetirilmeli diýip, hormatly Prezidentimiz belledi.

Döwlet Baştutanymyz çykyşyny jemläp, ýurdumyz boýunça geçen ýarym ýylyň görkezijileriniň umuman gowy bolandygyny aýtdy we ähli ministrlikleriň, pudak edaralarynyň ýolbaşçylaryna geçen alty aýda edilen işleriň netijeleri boýunça ýakyn günlerde maslahatlary geçirmegi tabşyrdy.

Oba hojalyk toplumynyň ýolbaşçylaryndan hem-de welaýat häkimlerinden beýleki ýolbaşçylara 1-nji awgustdan 1-nji sentýabra çenli dynç almaga rugsat berildi. Olaryň, hemişe bolşy ýaly, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda, «Arçmanda» we «Ýyly suwda» ýa-da ýurdumyzyň beýleki şypahanalarynda dynç alyp biljekdigi aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWYŇ ADYNA MÄHIRLI GUTLAGLAR

*Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyna gallaçy daýhanlarymyzyň gazanan uly zähmet ýeňşi mynasybetli köp sanly gutlag hatlary we telegrammalar gelip gowuşýar. Olar Watan harmanyna 1 million 400 müň tonnadan gowrak bugdaý hasylyny tabşyryp, şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirdiler.*

Hatlarda bu zähmet ýeňşiniň döwlet Baştutanymyzyň azyk bolçulygyny üpjün etmek, ýurdumyzda öndürilýän bugdaý hasyly bilen içerki bazaryň zerurlyklaryny doly kanagatlandyrmagyň hasabyna azyk garaşsyzlygyny gazanmak babatda öňde goýan wezipeleriniň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň güwäsidigi bellenilýär. Hatlary iberenler hormatly Prezidentimizi türkmen ekerançylarynyň bu ajaýyp üstünligi bilen tüýs ýürekden gutlaýarlar we berk jan saglyk, uzak ömür, Watanymyzyň gülläp ösmeginiň, türkmen halkynyň bagtyýarlygynyň bähbidine alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw edýärler.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa iň gowy arzuwlaryny iberdi.

Döwlet Baştutanymyza Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary B.Amanow, B.Annamämmedow, T.Atahallyýew, B.Atdaýew, H.Geldimyradow, R.Meredow, M.Mämmedowa, B.Orazdurdyýewa, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew mähirli gutlaglaryny beýan etdiler.

Hormatly Prezidentimizi şanly waka bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň jogapkär işgärleri gutladylar.

Döwlet Baştutanymyzy ýurdumyzyň ýaşaýjylarynyň adyndan welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimleri, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy tüýs ýürekden gutladylar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyza ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň ýolbaşçylary gutlag hatlaryny iberdiler.

Şeýle hem döwlet Baştutanymyza Türkmenistanyň syýasy partiýalarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary gutlag hatlaryny ýolladylar.

***(TDH)***

## RESMI HABARLAR

«Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 16-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Serdar Berdimuhamedowyň Karary bilen,

ýustisiýanyň geňeşçisi Begmyrat Nurýagdyýewiç Garryýew Ahal welaýatynyň prokurorynyň orunbasary wezipesine;

2-nji derejeli ýurist Resul Döwletnazarowiç Nazargulyýew Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň prokurory wezipesine;

ýustisiýanyň kiçi geňeşçisi Nurmämmet Amandurdyýewiç Annaberdiýew Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň prokurory wezipesine;

1-nji derejeli ýurist Myratgeldi Haldurdyýewiç Haldurdyýew Lebap welaýatynyň Kerki etrabynyň prokurory wezipesine;

1-nji derejeli ýurist Eziz Aganiýazowiç Muradow Mary welaýatynyň prokurorynyň orunbasary wezipesine;

2-nji derejeli ýurist Serdarmyrat Täçmyradowiç Saparow Mary welaýatynyň Tagtabazar etrabynyň prokurory wezipesine bellenildi;

ýustisiýanyň geňeşçisi Geldimyrat Baýramdurdyýewiç Amanow Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň prokurory wezipesinden;

ygtyýarlyk möhletiniň tamamlanmagy sebäpli, ýustisiýanyň geňeşçisi Babamyrat Hemraýewiç Gurbanow Mary welaýatynyň prokurorynyň orunbasary wezipesinden;

ygtyýarlyk möhletiniň tamamlanmagy sebäpli, ýustisiýanyň kiçi geňeşçisi Guwanç Amanowiç Kadyrow Mary welaýatynyň Tagtabazar etrabynyň prokurory wezipesinden boşadyldy.

* * *

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Suhanberdi Rejepdurdyýewiç Begenjow Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň «Aşgabat» teleýaýlymynyň başlygy wezipesine bellenildi.

* * *

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Şatlyk Döwletmyradowiç Purmämmedow Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň «Ýaşlyk» teleradioýaýlymynyň başlygy wezipesinden boşadyldy.

* * *

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Ýakupgeldi Gurbannyýazowiç Kasymow Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň «Ýaşlyk» teleradioýaýlymynyň başlygy wezipesine bellenildi.

* * *

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Arslan Sylapberdiýewiç Eýeberdiýew Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň başlygy wezipesinden boşadyldy.

* * *

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Mämmetnazar Orazgylyjowiç Saparmyradow Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň başlygy wezipesine bellenildi.

* * *

Türkmenistanyň Prezidenti Buýruga gol çekdi. Resminama laýyklykda, 2024-nji ýylda Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerine welaýatlar, Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça okuwa kabul etmegiň meýilnamasy; 2024-nji ýylda Türkmenistanyň orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegiň meýilnamasy tassyklanyldy.

Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegi 2024-nji ýylyň 15-nji iýuly — 26-njy awgusty aralygynda guramak;

okuwa kabul etmek boýunça giriş synaglaryny ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň ýerleşýän ýerinde geçirmek bellenildi.

* * *

Türkmenistanyň Prezidenti Buýruga gol çekdi. Resminama laýyklykda, 2024-nji ýylda Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmek boýunça döwlet toparynyň düzümi tassyklanyldy.

Döwlet toparyna 2024-nji ýylda Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmäge guramaçylyk-usulyýet taýdan ýolbaşçylyk etmek we onuň bellenen tertipde geçirilmegini guramak tabşyryldy. Welaýatlaryň, Aşgabat, Arkadag şäherleriniň häkimlikleri Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmek boýunça iş toparlarynyň talabalaýyk işlemegi üçin zerur şertleri döretmäge borçly edildi.

* * *

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň we halk maslahatlarynyň agzalarynyň hünär derejesini ýokarlandyrmak, ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi we ýerli edaralary hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary üçin dünýä ülňüleriniň talaplaryna laýyk gelýän döwlet ýolbaşçylaryny we gullukçylaryny, şeýle hem magistrleri taýýarlamak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Buýruga gol çekdi. Resminama laýyklykda, 2024-2025-nji okuw ýylynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň döwlet edaralarynyň gullukçylaryny gaýtadan taýýarlamak boýunça okuwlaryna (okuwyň möhleti iki okuw ýyly) diňleýjileri kabul etmegiň meýilnamasy;

2024-2025-nji okuw ýylynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň döwlet edaralarynyň gullukçylarynyň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça okuwlaryna (okuwyň möhleti bäş aý) diňleýjileri kabul etmegiň meýilnamasy;

2024-2025-nji okuw ýylynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň döwlet edaralarynyň gullukçylarynyň täjirçilik arbitražy boýunça hünär derejesini ýokarlandyrmak okuwlaryna (okuwyň möhleti dört aý) diňleýjileri kabul etmegiň meýilnamasy;

2024-2025-nji okuw ýylynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça okuwlaryna (okuwyň möhleti iki aý) diňleýjileri kabul etmegiň meýilnamasy;

2024-2025-nji okuw ýylynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça okuwlaryna (okuwyň möhleti iki aý) diňleýjileri kabul etmegiň meýilnamasy;

2024-2025-nji okuw ýylynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň gullukçylarynyň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça okuwlaryna (okuwyň möhleti iki aý) diňleýjileri kabul etmegiň meýilnamasy;

2024-2025-nji okuw ýylynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň gullukçylarynyň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça okuwlaryna (okuwyň möhleti iki aý) diňleýjileri kabul etmegiň meýilnamasy;

2024-2025-nji okuw ýylynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň magistrleri taýýarlamak boýunça okuwlaryna (okuwyň möhleti bir okuw ýylyndan iki okuw ýylyna çenli) tölegli esasda talyplary kabul etmegiň meýilnamasy;

2024-2025-nji okuw ýylynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň hünärmenleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça okuwlaryna (okuwyň möhleti iki aýa çenli) tölegli esasda diňleýjileri kabul etmegiň meýilnamasy;

2024-2025-nji okuw ýylynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň okuwlaryna diňleýjileri we talyplary kabul etmek boýunça giriş synaglaryny guramagyň tertibi tassyklanyldy.

***(TDH)***

# ÇAGALAR HAKYNDAKY ALADA DÖWLET SYÝASATYNYŇ ILERI TUTULÝAN UGRUDYR

**ARKADAG ŞÄHERI, 12-nji iýul (TDH).** Şu gün Arkadag şäherindäki Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde bejergi alýan we saglyklaryny dikeldýän çagalara edermen gallaçylaryň gazanan ajaýyp zähmet ýeňşi mynasybetli hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň adyndan ýörite sowgatlar gowşuryldy.

Häzirki wagtda ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň ynsanperwer ýörelgelere esaslanýan durmuş ugurly syýasaty rowaçlyklara beslenýär. Dabaranyň dowamynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde bejergi alýan çagalaryň çykyşlaryna giň orun berildi. Olar sazlaşykly ösüşi we sagdyn bolmaklary ugrunda yzygiderli alada edilýändigi üçin lukman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize hoşallyk sözlerini beýan etdiler. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen işlenip taýýarlanylan «Saglyk» Döwlet maksatnamasyndan gelip çykýan wezipeleriň hormatly Prezidentimiziň tagallalary esasynda üstünlikli amala aşyrylýandygynyň aýdyň güwäsidir.

Bu ýerde çagalara ýörite sowgatlaryň gowşurylmagy dabaranyň ýatda galyjy pursatlara beslenmegini şertlendirdi.

Ähli zerur şertleri özünde jemleýän we dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň iň kämil enjamlary bilen üpjün edilen merkezde bejergi alýan, saglyklaryny berkidýän çagalar özleri hakynda edilýän atalyk alada üçin lukman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden çykýan hoşallyk sözlerini beýan etdiler. Çagalaryň belent ruha beslenen çykyşlarynda, joşgunly goşgularynda ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän beýik işleriň waspy öz beýanyny tapdy.





# TÜRKMENISTAN — BMG:
## milli we ähलumumy bähbitleri nazarlap

*Bitarap Türkmenistan deňhukukly we özara bähbitli halkara gatnaşyklary berkitmäge, şol sanda Birleşen Milletler Guramasy bilen köpugurly hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge aýratyn ähmiýet berýär. 5 — 7-nji iýulda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň ýurdumyza amala aşyran sapary we onuň çäginde geçirilen ýokary derejedäki gepleşiklerdir duşuşyklar milli hem ähli umumy bähbitleri nazarlaýan hyzmatdaşlygy ilerletmekde möhüm ähmiýete eýe boldy.*

**B**irleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary bilen hormatly Prezidentimiziň arasynda geçirilen gepleşiklerde Türkmenistanyň amala aşyrýan giň gerimli milli we sebit ähmiýetli taslamalarynyň ähmiýeti, türkmen tarapynyň ähli umumy energetika howpsuzlygyny üpjün etmek, ulag-logistika ulgamynda giň halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek, serişdeleri oýlanyşykly peýdalanmak, howanyň üýtgemegi hem-de daşky gurşawy goramak ýaly bütin adamzada dahylly wajyp meseleleriň çözülmegindäki işjeň orny aýratyn nygtaldy.

Häzirki wagtda Türkmenistan bilen BMG-niň köptaraplaýyn gatnaşyklarynyň gün tertibinde durnukly ulag, energetika howpsuzlygy, terrorçylyga garşy göreş, Durnukly ösüş maksatlaryny ýerine ýetirmek ýaly strategik ugurlar bolup, şunda uzak möhletleýin hyzmatdaşlyk yzygiderli esasda, ahyrky netije üçin garaýyşlaryň meňzeşligi bilen alnyp barylýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyz hormatly myhman bilen gepleşiklerde Durnukly ösüş ulgamynda ähli umumy maksatnamalaryňdyr strategiýalaryň talabalaýyk maliýeleşdirilmeginiň üpjün edilmeginiň möhümdigini, şoňa görä-de, serişdeleri utgaşdyrmagy we herekete getirmegi maliýeleşdirmek boýunça Hereketleriň Addis-Abeba maksatnamasynyň çözgütleriniň durmuşa geçirilmegini tizleşdirmek maksady bilen, degişli halkara maslahaty guramagyň maksadalaýykdygyny nygtady. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz 2030-njy ýyla çenli Gün tertibiniň amala aşyrylyşyna syn bermek işinde BMG-niň Baş Assambleýasynyň hem-de Ykdysady we Durmuş geňeşiniň utgaşdyryjy ornunyň mundan beýläk-de pugtalandyrylmagyny, durnukly ösüş boýunça ýokary derejeli syýasy forumlaryň yzygiderli geçirilmegini goldap, azyk howpsuzlygyny üpjün etmek we iýmiti gowulandyrmak bilen baglylykda, Türkmenistanyň ýokary derejede halkara azyk forumyny çagyrmak teklibini öňe sürdi.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň oba hojalyk toplumy tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylmagyna, ekologik abadançylygyň üpjün edilmegine, milli ykdysadyýetiň kuwwatlanmagyna oňyn täsirini ýetirýär. Munuň özi azyk howpsuzlygynyň pugtalandyrylmagyna we ýerli önümçilikleriň hasabyna senagatyň çig mal serişdeleri bilen üpjün edilmegine önjeýli goşant goşýar. Ilatyň sagdyn iýmitlenmegini gazanmak, hal-ýagdaýyny gowulandyrmak, iş orunlary bilen üpjün etmek ýaly meseleleriň çözülmeginde möhüm wezipeleri ýerine ýetirýär. Şunlukda, bu toplumyň düzüm birlikleriniň depginli ösdürilmegi Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak ugrundaky meýilleriň ilerlemeginde aýratyn orny eýeleýär.

Türkmenistan hem-de BMG 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş boýunça Gün tertibini amala aşyrmak bilen bagly işjeň hyzmatdaşlygy dowam etdirmek, hususan-da, ilatyň durmuş derejesini gowulandyrmak, bilimiň we saglygy goraýyş hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, daşky gurşawy goramak babatda bilelikdäki işleri alyp barmaga ýokary ähmiýet berýär. «Türkmenistanyň Hökümeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda durnukly ösüş ugrunda 2021 — 2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly maksatnamasynda» we «Bitarap Türkmenistanyň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin daşary syýasat ugrunyň Konsepsiýasynda» hem bu maksatlar giňişleýin beýanyny tapýar. Ýurdumyzyň Hökümetiniň BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bilen özara hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitleýän bu resminamalar Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmäge gönükdirilip, strategik ugurlar bolan bilimi, saglygy goraýşy, durmuş üpjünçiligini öz içine alýar.

Şu maksatlardan ugur alyp, döwletimiz BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşi bilen (ECOSOC) hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirýär, onuň ýurdumyzda, sebitde abadançylygy ýokarlandyrmaga gönükdirilen halkara taslamalary amala aşyrmak boýunça işlerine işjeň gatnaşýar. Muňa şu ýyl döwletimiziň 2025 — 2029-njy ýyllar üçin BMG-niň Durmuş ösüşi boýunça komissiýasynyň agzalygyna saýlanylmagy hem aýdyň mysaldyr. Munuň özi durmuşyň ähli ulgamlarynda netijeli işleri alyp barýan hem-de durmuş-ykdysady ösüşde üstünlikleri gazanýan Türkmenistanyň oňyn tejribesiniň halkara giňişlikde ykrar edilýändigini aýdyň görkezýär. Adam hukuklaryny goramakda, şol sanda, raýatlygy bolmadyk adamlaryň meselelerini çözmekde ýurdumyzyň gazanan netijeleri hem üns çekilmäge mynasypdyr. Soňky ýyllarda bosgunlaryň we raýatlygy bolmadyk

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
«TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY»
ATLY BÄSLEŞIGINE

adamlaryň 30 müňe golaýy Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edildi. Bularyň ählisi özara hyzmatdaşlykda gazanylan üstünlikler bolup, milli hem umumadamzat bähbitlerine gönükdirilendir.

ECOSOC-nyň iş ygtyýarlyklary düzümine girýän döwletleriň durmuş-ykdysady öňegidişligine ýardam bermegiň, ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmagyň, ony mynasyp iş bilen üpjün etmegiň, ykdysady we durmuş, daşky gurşaw, saglygy goraýyş çygyrlarynda halkara meseleleri çözmegiň usullaryny taýýarlamaga şertleri, olaryň amala aşyrylmagyny üpjün edýän mümkinçilikleri döretmekden ybaratdyr. Ýurdumyzda abadan ýaşaýşyň bähbidine gönükdirilen işler, ýagny iş orunlaryny, ilatyň gazanç etmegi üçin ykdysady mümkinçilikleri döretmek, köp çagaly maşgalalara we döwletiň kömegine mätäçlere hemaýat bermek durmuş syýasatynyň wajyp ugurlary hasaplanýar. Türkmenistanda raýatlaryň döwrebap mugt orta bilim almaga we lukmançylyk hyzmatyndan degişli kanunçylyk namalarynda göz öňünde tutulýan tertipde peýdalanmaga hukuklary kepillendirilýär. Mälim bolşy ýaly, ECOSOC ykdysady, durmuş, saglygy goraýyş, bilim ulgamlary boýunça BMG-niň hem-de onuň ýöriteleşdirilen guramalarynyň we düzümleriniň işini utgaşdyrýar. Ýurdumyzda BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Çagalar gaznasy, Ilat gaznasy, Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, Halkara Zähmet Guramasy we beýlekiler bilen işjeň hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine uly üns berilýär.

BMG-niň bu ýöriteleşdirilen düzümleri häzirki zamanyň gün tertibinde durnukly ösüşi üpjün etmek hem-de ähli umumy meseleleri netijeli çözmek ýaly maksatlardan ugur alýar. Şu jähetden, Bitarap döwletimiz sebitde we dünýäde parahatçylygy berkitmek, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek boýunça umumy tagallalara uly goşant goşýar. Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk etmegi sebitde we dünýäde ähli umumy parahatçylygy, durnukly ösüşi üpjün etmäge mynasyp goşant bolup durýar.

***Merjen BORJAKOWA,***
***Türkmenistanyň Mejlisiniň Durmuş syýasaty baradaky komitetiniň hünärmeni.***

BUÝSANÇNAMA

# AK ARZUWLARYŇ MEKANY

*Häzir ýurdumyzda dürli maksatly täze binalaryň köp sanlysy gurulýar, ilatly nokatlaryň, şäherleriň çäkleri giňeldilýär. Täze obalardyr şäherçeler gurulýar. Gysga wagtda tarpdan gurlup, döwre mahsus aýratynlyklary we alamatlary bilen tapawutlanýan täze şäheri görmek örän seýrek duş gelýän ýagdaýdyr. Arkadag şäheri Türkmenistanyň, diýmek, dünýäniň hem kartasynda örän gysga wagtyň içinde peýda boldy. Munuň özi milli şähergurluşykda görlüp-eşidilmedik wakadyr, düýpgöter täze sepgitdir!*

Şu ýylyň aprel aýynyň başynda türkmen topragy ýaz gözelligine beslenende, Arkadag şäherinde gezim etmäge çykdym. Şol gün howa örän ýakymlydy. Kiçiräk ak bulutlar gök asmanda erkana ýüzýärdi, adaja şemal ýüzüňi sypap geçýärdi. Köpetdag şaýoly Köpetdagy gapdallap uzap gidýär we bu görkana şähere eltýär. Dag eteklerinden bu mekan örän owadan we köpöwüşginli görünýär.

Täze şäher bilen ilkinji tanyşlygym Akhana dikilen ýadygärlikden we «Arkadag Binasyndan» başlandy. Olara dürli tarapdan seretseň-de, şekilleriň, göwrümiň we doly binagärligiň bitewi sazlaşygyny görmek bolýar. «Arkadag Binasynda» giň gerimli, toplumlaýyn, çeper çözgütlerdir ölçegler jemlenipdir. Ol Milli Liderimiziň ahalteke bedewine bolan çuňňur hormatyny we söýgüsini, tebigat, Watan we halk bilen baglanyşygyny özboluşly beýan edýär.

Bilşimiz ýaly, Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy hereket edýär. Şeýle ugurly ýokary okuw mekdebi dünýäde hem seýrekdir. Ol ýurdumyzda atçylyk sportuny we syýahatçylygy ösdürmegiň, seýisçilik, çapyksuwarlyk we atşynaslyk boýunça döwrebap hünärmenleri taýýarlamagyň ylmy-amaly binýady bolup durýar. Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirki hem bu ýerden uzakda däl. Şäherde Atçylyk ylmy-önümçilik merkezi gurlup, ol döwrebap ylmy-tehniki enjamlar, okuw-usulyýet esbaplary, weterinariýa klinikasy we ylmy-barlag merkezleri bilen doly üpjün edildi.

Şäheriň giň köçelerinde, meýdançalarynda assa ädimläp barşyma, dizaýny biri-birini gaýtalamaýan, ähli amatlyklary bolan döwrebap desgalary uly höwes bilen synlaýaryn. Olaryň her biri barada adamlara gürrüň beresiň, has-da ýaşlara ýetiresiň gelýär. Şäheriň gurluşygynyň birinji tapgyrynda jemi 336 sany döwrebap binadyr desga guruldy. Lukmançylyk desgalarynyň toplumy ünsüňi aýratyn özüne çekýär. Ol — halk hakyndaky aladanyň aýdyň ýüze çykmasy!

Gözlerimiň öňünde häzirki zaman binagärlik sungatynyň akylyňy haýran edýän ajaýyp eseri giňden açylyp barýar. Bir tarapyňda bolsa tebigatyň gözel görnüşi ýaýylyp ýatyr. Uzak gözýetimde, pessaýja öwüsýän mylaýym ýaz şemalyna milli döwletliligiň esasy nyşanlarynyň biri bolan, bahar görkli ýaşyl baýdagymyz buýsançly parlaýar.

Şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda ýaşaýyş jaýlaryndan başga, döwrebap önümçilik desgalary hem gurlar. Bu bolsa täze iş orunlaryny döreder. Ikinji tapgyrda hem, ozalkysy ýaly, ýerli gurluşyk kompaniýalary iş alyp bararlar. Bu iri gurluşyklara ýokary ruhubelentlik bilen çemeleşilýär. Arkadag şäheri Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen mundan beýläk-de gülläp öser. Ol barha giňär. Täze ýaşaýyş toplumlary peýda bolar. Bu ýerde uly hem röwşen ertirler görünýär. Geljekde Arkadag şäheriniň uly megapolise öwrülmäge ähli mümkinçilikleri bar. Ol dag we sähra bilen gurşalan ajaýyp şäher hökmünde dünýäde barha adygar. Men Arkadag şäheri bilen Ahal şaýolunda, iki tarapynda üzüm agaçlary, bag-bakjalyk ýerleşen esasy seýilgähde hoşlaşdym. Bu seýilgäh Aşgabat şäherinden biraz aşakda iki ugra bölünýär: çepe — günbatara, Hazar deňzine tarap, saga — ýurduň paýtagty, ajaýyp aşyklar şäheri Aşgabada tarap.

Howa garaňkyrady, şäheriň dürli reňkli ýşyklary daş-töwerege gaýtalanmajak älemgoşar gözelligini çaýyp, ýalpyldap başlady. Günüň dowamynda Arkadag şäherinde synlan ähli zatlarym kalbymy heýjana getirdi. Bu örän täsin gözellikdi. Ýüregimde üýtgeşik ýakymly duýgular joş urýardy. Şäher hakda hoşamaý sözleri aýdasym, özi-de ony hemmä ýetiresim geldi. Häzirlikçe içimden şeýle diýdim: «Goý, saňa mundan beýläk hem asuda asman, abadançylyk we ösüşler ýar bolsun, mähriban Arkadag şäheri!».

***Atamämmet MURRYÝEW.***
***Aşgabat şäheri.***



ŞU GÜNÜŇ GÜRRÜŇI

# SANLY YKDYSADYÝET — DÖWRÜŇ TALABY

Jemgyýetiň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösüşine gönükdirilen döwlet syýasaty ilatyň abadançylygy üçin üstünlikli durmuşa geçirilýän we «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgä esaslanýan maksatnamalarda öz beýanyny tapýar. Esasy Kanunymyzyň 16-njy maddasynda: «Döwlet ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýalaryň ösüşine ýardam edýär, şeýle hem bu ugurlarda halkara hyzmatdaşlygy goldaýar» diýlip kesgitlenen. Bu konstitusion kadalar «Aragatnaşyk hakynda», «Döwlet ylmy-tehniki syýasaty hakynda», «Innowasiýa işi hakynda», «Ylmy-tehnologiýa parklary hakynda», «Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini we internet hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda», «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda», «Maglumat we ony goramak hakynda», «Kiberhowpsuzlyk hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynda giňişleýin beýan edilen. Amatlylyk, çaltlyk, tygşytlylyk ýaly düşünjeler bilen berk bagly sanly ulgam ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna ornaşdyrylyp, onuň täze innowasion we sanly tehnologiýalar, elektron resminama dolanyşygy hem-de elektron şahsyýetnamalar ulgamy, bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýet, sazlaşykly işleýän elektron senagaty ýaly tapgyrlaýyn işleri ýola goýuldy. Sanly ykdysadyýetiň ösmegi bilen, ýurdumyz dünýäniň maglumat ulgamyna we tehnologik ösüşine goşulyşýar. Şonuň netijesinde, Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa ornaşdyrmaga gönükdirilen ýokary tizlikli ösüş üpjün edilýär. Ilatyň döwrebap şertlerde zähmet çekmegine we durmuşyň eşretlerini görüp ýaşamagyna täze mümkinçilikler we şertler döreýär. Adamzadyň ýaşaýşyny hakyky eşrete öwrüp bilýän güýje eýe bolan sanly ulgamyň ýurdumyz boýunça esasy ugurlary kesgitlenip, onuň milli bilim, kanunçylyk, şähergurluşyk ýaly pudaklarynda uly işler amala aşyrylýar. «Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy», «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» tassyklanyldy. Ähli ulgamlaryň durnukly ösüşine uly itergi berýän sanly ulgamyň yzygiderli ornaşdyrylmagy «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» göz öňünde tutulan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmäge, jemgyýetde we döwlet dolandyryşynda maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalarynyň paýynyň artmagyna, adamlaryň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň yzygiderli gowulanmagyna, ykdysady we önümçilik işiniň esasy görnüşlerini dolandyrmakda awtomatlaşdyrmak we merkezleşdirilen dolandyryş işiniň netijeliliginiň ýokarlanmagyna giň mümkinçilikleri döredýär. Sanly we «bulut» tehnologiýalary durmuşymyzy çalt özgerdýär. Işewürligiň, jemgyýetiň we döwletiň elektron aragatnaşyk ulgamyna giňden goşulyşmagy jemgyýetçilik we şahsy gatnaşyklaryň usullaryny düýpgöter üýtgedýär. Häzirki wagtda dünýä ykdysadyýeti giň gerimli sanly giňişlige — ulgamlaýyn ähli umumy bazara öwrülýär. Innowasiýalara daýanýan ylmy we tehnologik özgertmeler, sanlylaşdyrma we maglumatlaşdyrma meýilleri düýpgöter täze, sanly görnüşdäki bitewi gurşawy kemala getirýär. Sanly bilim ulgamynyň çäginde bilim ojaklarynyň arasynda teleköpri arkaly okuwlar, ylmy bäsleşikler geçirilýär. Hemmetaraplaýyn ösüşiň depgininiň ýokarlanmagy jemgyýetiň ylmy-tehniki kuwwatyna bagly bolup durýar. Ol ylmyň we tehnikanyň ösüş kuwwatyna, jemgyýetiň ylmy-tehniki meseleleri çözmek bilen bagly mümkinçilikleriniň hem-de gorlarynyň derejelerine toplumlaýyn baha bermek bilen häsiýetlendirilýär. Ol görkezijiler bolup hem bu ugurda zähmet çekjek hünärmenler, işleriň maddy-tehniki üpjünçiligi, maglumatlar gory ýaly meseleler çykyş edýär. Şunuň bilen bir hatarda «Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 20-nji maddasynda: «Administratiw önümçiligiň amala aşyrylmagy ýönekeý, maksadalaýyk we gysga möhletli bolmalydyr» diýen kada berkidilen. Bu kada, ilkinji nobatda, önümçiligiň ähli babatda tygşytly bolmalydygyny aňladýar, ýagny mümkin boldugyça az harajat etmek arkaly kesgitli netijäniň ýa-da anyk serişdeleriň üsti bilen mümkin bolan oňyn netijäniň gazanylmagyny göz öňünde tutýar. Ýönekeýlik we maksadalaýyklyk diňe çözgüt kabul etmek üçin zerur ýagdaýlaryň ýüze çykarylmalydygyny, eger ýüze çykan sorag ýazmaça görnüşde ýa-da aragatnaşygyň häzirki zaman elektron serişdeleri arkaly çözülip bilinýän bolsa, önümçiligiň raýaty ýa-da ýuridik şahsyň wekilini çagyrmazdan amala aşyryp bolýandygyny aňladýar. Sanly tehnologiýalaryň şeýle tiz ösýän, kämilleşýän döwründe adam hakdaky aladany döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry hökmünde kesgitleýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýaşlara dünýä derejesinde bilim bermekde, ylym öwretmekde edýän taýsyz tagallalaryna jogap edip, her birimiz bildirilýän uly ynama gaýratly zähmet bilen jogap bermelidiris.

***Sahyberdi JEPBAROW,***
***Türkmenistanyň Mejlisiniň Kada-kanunçylyk baradaky komitetiniň agzasy.***

DAŞKY GURŞAWYŇ GORAGYNDA

# «ÝAŞYL» ÖSÜŞ ÜÇIN HÜNÄRMENLERIŇ TAÝÝARLYGY

*Adamda işjeňligiň artmagy netijesinde, daşky gurşawyň we howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly ýüze çykan kynçylyklar ykdysadyýetiň gurluşyna täzeçe garamagy talap edýär. Şunuň bilen baglylykda, soňky ýyllarda ykdysadyýetiň «ýaşyl» hem-de galyndysyz nusgalaryna gyzyklanma barha artýar. Türkmenistanda hem «ýaşyl» ykdysadyýetiň ýörelgelerini ornaşdyrmagyň we tebigy ulgamlary mümkin bolan derejede saklap galmagyň esasynda jemgyýetiň abadançylygy, raýatlaryň durmuşy üçin ekologik taýdan amatly şertleri üpjün etmek boýunça strategik wezipeler öňe sürülýär. Täze ykdysady wezipeleriň çözgüdine ýardam etmäge ukyply, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak bolsa şol maksatlara ýetmek üçin zerur bolan iň möhüm şertleriň hatarynda orun alýar.*

Soňky ýyllarda dünýäde işewürligi alyp barmakda tebigat bilen sazlaşyklylygy üpjün etmek, innowasion tehnologiýalara esaslanýan «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek meselelerine uly üns berlip, bu babatda düýpli ylmy-barlag işleri alnyp barylýar. Şu ýerde «ýaşyl» ykdysadyýet düşünjesiniň üstünde aýratyn durup geçmek zerur. Ykdysady Hyzmatdaşlyk we Ösüş Guramasynyň berýän kesgitlemesine görä, «ýaşyl» ykdysadyýet daşky gurşawa ýetirilýän zyýanly täsiriň peselmegi netijesinde ekologiýanyň gowulanmagyny, şeýle hem ilatyň saglyk ýagdaýynyň, durmuş abadançylygynyň derejesiniň ýokarlanmagyny göz öňünde tutýan konsepsiýadyr. Şundan ugur alsaň, ykdysadyýetiň täze nusgasynyň esasy aýratynlyklary daşky gurşawa ýetirilýän zyýanyň pes derejesi, tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylmagy we durmuş adalatlylygy bilen häsiýetlendirilýär.

Daşky gurşaw üçin zyýansyz önümçiligiň we ekologik taýdan arassa işewürligiň üstünlikli ösdürilmegi, «ýaşyl» tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy soňlugy bilen galyndysyz ykdysadyýete geçmegi göz öňünde tutýar. Ykdysadyýetiň galyndysyz nusgasynyň esasy aýratynlygy onuň önümçilikde we sarp edişde hiç hili galyndynyň bolmazlygyny ýörelge edinýändigidir. Şeýle oňyn netije tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak, olary gaýtadan dikeltmek we täzeden ulanmak arkaly gazanylýar. Galyndysyz ykdysadyýet artykmaç önümçilik we aşa sarp ediş bilen baglanyşykly döwrüň iň möhüm meselelerini çözmäge ýardam edýär.

Innowasion ykdysadyýete geçmekde degişli hünär derejesine we başarnyklara eýe bolan zähmet gorlarynyň ähmiýeti örän ýokarydyr. Häzirki zaman tejribesinde täze ykdysady şertlere kybap gelýän adam maýasyny kemala getirmek üçin döwletiň, işewürligiň hem-de bilim ulgamynyň tagallalarynyň birleşdirilmegine ähmiýet berilýär. Şunda taraplaryň her biriniň öňünde kesgitli wezipeler durýar. Döwletiň paýyna «ýaşyl» ykdysadyýeti ornaşdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işleri ýola goýmak, «ýaşyl» iş ýerlerini döretmek, olarda zähmet çekjek hünärmenlere bildirilýän talaplary, şeýle hem işleriň guramaçylyk we durmuş-ykdysady tarapyny kesgitlemek bilen baglanyşykly wezipeler degişlidir. Bilim ulgamy «ýaşyl» we galyndysyz ykdysadyýeti ösdürmekde täze hünärleriň döredilmegi bilen baglanyşykly özgertmeleri durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşýar. Okuw maksatnamalarynyň täze şertlere uýgunlaşdyrylmagy, bilim edaralarynyň, olarda hünärmenleriň ýetişdirilmegine jogapkär işgärleriň, iň esasysy-da, mugallymlaryň taýýarlyk derejesiniň ýokarlandyrylmagy, sanly tehnologiýalaryň işjeň ornaşdyrylmagy oňyn netijeleri gazanmaga ýardam edýär. «Ýaşyl» ykdysadyýeti ornaşdyrmakda işewürligiň paýyna bolsa degişli döwlet düzümleri we bilim edaralary bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edip, täze iş ýerleri üçin taýýarlanylýan hünärmenlere bildirilýän talaplary kesgitlemek, olaryň önümçilikde netijeli peýdalanylmagyny gazanmak ýaly wezipeler düşýär.

Häzirki döwürde dünýä tejribesinde innowasion ykdysadyýet üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakda dürli çemeleşmeler öňe sürülýär. Şolaryň iň meşhurlarynyň biri-de «üç halkaly ösüş» nazaryýetidir. Bu nazaryýet jemgyýetiň innowasion ösüşini üpjün edýän gatnaşyklaryň özboluşly ulgamyny göz öňünde tutýar. Oňa laýyklykda, kämil ykdysadyýeti emele getirmekde içerki gurşaw (döwlet, bilim ojaklary, işewürlik) hem-de daşarky giňişlik (medeni-durmuş, geosyýasy ýagdaýlar, howanyň üýtgemegi we tebigy baýlyklar) özara täsire eýe bolýar. Başgaça aýdylanda, ekoulgamyň üýtgemegi we adam işjeňligi netijesinde ýüze çykýan kynçylyklary çözmek üçin döwlet düzümleri, ylym-bilim edaralary hem-de işewürligiň wekilleri özara baglanyşykly iş alyp barýarlar. Döwlet tarapyndan kabul edilýän kada-kanunlaryň, döredilýän şertleriň, ylym-bilim ojaklarynda işlenip taýýarlanylýan innowasiýalaryň işewürlige we ilatyň durmuş abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilmegi biri-biri bilen baglanyşyklylykda amala aşyrylýar.

Bu günki gün alymlardyr bilermenleriň «ýaşyl» ykdysadyýeti döwlet derejesinde ösdürmekde bu ugurdaky wezipeleri durmuşa geçirmäge gönükdirilen täze düzümleri, ýagny ýöriteleşen ylym-bilim edaralaryny döretmek bilen baglanyşykly garaýyşlary goldaw tapýar. Şeýle çemeleşilen ýagdaýynda, ekologik howpsuzlygy we durmuş abadançylygyny göz öňünde tutýan innowasiýalar «ýaşyl» ykdysadyýeti üstünlikli ösdürmäge ýardam eder. Täze ykdysady nusgada hünärmenleri taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we hünär derejelerini ýokarlandyrmak hem möhüm wezipe bolup durýar.

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamalarynda serişdeleriň galyndysyz peýdalanylmagy, daşky gurşawyň abadançylygyny goramaga ýardam edýän tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak, sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak, şol sanda «akylly» şäher konsepsiýasyny durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly wezipeler aýratyn orun eýeleýär. Şol wezipeleriň üstünlikli berjaý edilmegi üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak babatda toplumlaýyn çäreler alnyp barylýar. Bu ugurda döwlet düzümleriniň, bilim ojaklarynyň we işewürligiň netijeli hyzmatdaşlygynyň ýola goýulmagy milli ykdysadyýetimizi dünýä derejesinde ösdürip, şu günki we geljek nesilleriň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge mümkinçilik berer.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
«TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY»
ATLY BÄSLEŞIGINE

***Selimberdi HOJABERDIÝEW,***
***Aşgabat şäheriniň Baş maliýe we ykdysadyýet müdirliginiň başlygynyň orunbasary.***



# ÇÖREK — GUDRATLY SÖZ

*Çörek adamzat üçin ähli eşretlerden beýigidir. Çörek — gudratly söz. Bu ynsanyň ýaşamagy üçin suw we howa dek zerur. Bugdaýy ekinleriň genji saýan türkmen halky çöregi gadymy zamanlardan bäri hormatlap, maňlaýyna sylmagy, çöregiň owuntygyny hem ýere gaçyrmazlygy adata öwrüpdir.*

*Çörek keramatdyr. Asyrlaryň dowamynda çöregiň keramaty dogrusynda dürli däp-dessurlar döredilipdir. Miladydan ozalky I müňýyllygyň ýazuw ýadygärligi bolan «Awestada» hem çöregiň keramatly güýje eýedigi beýan edilýär: «Berekediň açary daýhanyň elindedir. Däne peýda bolanda, döwler derleýärler, degirmen peýda bolanda, döwler howsala düşýärler, un peýda bolanda, döwler gorkudan ýaňa bogazyna sygdygyndan gygyryp başlaýarlar, haçanda çörek bişirilende, döwler ondan hem beter gorkýarlar». «Nan — öwlüýä», «Nan — bereket», «Duz-çörekden şeýtan gaçar», «Däne aýan dänä ýeter, nany aýan — nana» ýaly pähimler nanyň — duz-çöregiň türkmen halky üçin gadyr-gymmatynyň örän ýokary bolandygynyň güwäsidir.*

*Türkmenler uzak ýola düşenlerinde, ýoldaşlyk üçin tamdyrdan lowurdap çykan mele-myssyk çöregi ýanlaryndan goýmandyrlar. Gadymy ynanja görä, çölde Hydyr ata ýany çörekli adama duş gelýärmiş.*

*Milli däp-dessurlara görä, türkmen halky çöregi saçakda ters goýmaýar. Türkmen çöregiň üstünden ätlemegi külli günä hasaplaýar. Bolelinligiň we abadançylygyň, bagtyň we rowaçlygyň goşalanyp gitmeginiň nyşany hökmünde toýlara-da jübüt çörek alnyp gidilýär. Çörek — gadymy hem myhmansöýer halkymyň kalby ýaly sahy toý saçaklarymyzyň bezegi!*

*Men kalbymda mukaddeslik hökmünde orun alan çöregiň keramaty hakyndaky bir rowaýaty beýan edeýin. Talyplyk ýyllarymda obamyzyň ýaşulularyndan eşiden rowaýatymda şeýle diýilýär: «Meşhur şahyr we serkerde Baýram han günleriň birinde serkerdeleri bilen sapara ýola rowana bolupdyr. Baýram hanyň gözi ýoluň ýakasynda ýatan çöregiň bölejigine düşýär. Ol derrew atyndan düşýär-de, çöregi alyp, goltugyna salýar. Serkerdeleriniň biri: «Belent Serkerdämiz! Näme üçin bize buýurman, özüňiz atdan düşdüňiz?» diýip, ondan soraýar. Baýram han: «Çöregi ilki men gördüm, ony ýerden almagy başga birine buýurmak çörege hormat goýmadygym bolardy» diýip jogap beripdir». Bu rowaýat müňýyllyklaryň dowamynda türkmen halkynyň sygnyp gelen ýörelgesi, nesiller üçin hiç wagt gymmatyny ýitirmejek ynsanperwer wesýeti.*

***Gahryman Arkadagymyzyň***
***«Türkmen medeniýeti» atly kitabyndan.***



# WATAN HARMANYNA 1 MILLION 400 MÜŇ TONNADAN GOWRAK GALLA HASYLY TABŞYRYLDY. ZÄHMET ÜSTÜNLIGIŇIZ GUTLY BOLSUN, EDERMEN GALLAÇYLAR!

## DAÝHAN MERT — ÝER JOMART

*Ýurdumyzda bugdaýyň bol hasylyny gysga wagtda ýygnap almak babatda öňde goýlan maksatlara ýetmegi gaýragoýulmasyz wezipe hasaplaýan Mary welaýatynyň gallaçylary hem arzyly pellehana ýetdiler. Olar hormatly Prezidentimiziň oba hojalykçylar üçin döredip berýän iş we durmuş şertlerinden ruhlanyp, bugdaýyň bereketli hasylyny ýetişdirmekde yhlasly zähmet çekdiler.*

Welaýatyň edermen gallaçylary bereketli bugdaý hasylyny ýetişdirmek üçin ýylyň bütin dowamynda ýadawsyz zähmet çekdiler. Daýhançylykda toplanan baý iş tejribeleriniň ylymda gazanylan üstünlikler bilen utgaşdyrylyp alnyp barylmagy, howa, toprak şertlerimize uýgunlaşan, bol hasyl berýän bugdaý sortlarynyň ekilmegi, dökün, suw bilen bolelin üpjün edilmegi, dürli kesellere we haşal otlara garşy çäreleriň aýny wagtynda geçirilmegi welaýatyň daýhanlaryna arzyly pellehana ýetmäge hem-de döwlet tabşyrygyny doly berjaý etmäge mümkinçilik berdi. Taýýarlanan iş meýilnamasyna laýyklykda, welaýat häkimligi we «Marygallaönümleri» önümçilik birleşigi tarapyndan işler sazlaşykly guraldy. Galla oragynda iş öndürijiligi ýokary bolan kuwwatly däne orýan kombaýnlaryň 370-den gowragynyň iki iş çalşygynda öndürijilikli işledilmegi, ýygnalyp alnan hasyly kabul ediş nokatlaryna we ammarlara bökdençsiz daşamak üçin ýük awtoulaglarynyň ýeterlik mukdarda jemlenmegi hasyly ýitgisiz ýygnap almaga ýardam etdi. Gallaçylar bilen hasaplaşyk işleriniň bada-bat geçirilmegi olaryň zähmete bolan höwesini has-da artdyrdy. Welaýatyň jemgyýetçilik guramalary we Medeniýet müdirligi tarapyndan meýdanlarda günorta arakesmesinde aýdym-sazly çykyşlaryň, göçme kitap sergileriniň guralmagy, wagyz-nesihat işleri daýhanlaryň ruhuny belende göterdi.

Baýramaly, Murgap, Tagtabazar etraplarynyň gallaçylary has-da erjellik görkezip, möwsümiň başyndan bäri öňdeligi sakladylar. Hünärmenleriň aýtmagyna görä, agzybirlikli çekilen zähmetiň netijesinde, bugdaýyň her gektaryndan ortaça 25 — 30 sentnerden hasyl alyndy. Aýry-aýry kärendeçiler we daýhan hojalyklarynyň önüm öndürijileri has-da ýokary netijeleri gazanmagyň hötdesinden geldiler.



Galla hasylyny ýygnamakda Tagtabazar etrabynyň «Marçak» daýhan birleşigi öňdäki hatarda boldy. Kärendeçiler 1650 gektara ekilen bugdaýdan 4317 tonna galla hasylyny ýygnap, şertnamalaýyn tabşyrygy irki möhletde berjaý etdi. Şeýlelikde, hojalyk boýunça her gektardan alnan hasyl 33,2 sentnerden hem ýokary boldy. «Gözel ýaýla» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti bolsa 263 gektara däne ekip, 616 tonnadan gowrak hasyly döwlet harmanyna tabşyrdy. Olar her gektaryň hasyllylygyny 27,3 sentnerden geçirdiler. Etrap ýolbaşçylary «Marçak» daýhan birleşiginiň kärendeçileri Amanmyrat Gulbeşerowyň (36,5 gektar ýerden 51,8 sentner), Goçmyrat Geldiýewiň (25,9 gektar ýerden 46,99 sentner), Ýagşymyrat Garaýewiň (15,25 gektar ýerden 45,75 sentner), Yhlas Gulbeşerowyň (22,9 gektar ýerden 45,83 sentner), «Gözel ýaýla» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň önüm öndürijileri Gözel Berdiýewanyň (1 gektar ýerden 43,0 sentner), Gurbangül Togsaýewanyň (1 gektar ýerden 43,8 sentner), Arzygül Haýdarowanyň (1 gektar ýerden 43,0 sentner) atlaryny uly buýsanç bilen tutýarlar.

Häzir welaýatda bugdaýyň galan hasylynyň ýekeje dänesini-de isrip etmän ýygnamak ugrunda zähmet çekilýär. Daýhanlar ýerleri indiki bugdaý ekişine taýýarlamagy-da utgaşykly alyp barýarlar.

***Welmuhammet GALANDAROW.***
***(Öz habarçymyz).***

## NYGMATLARYŇ SERESI

*Watanymyzyň galla harmany «Bugdaýly il — barly il» diýen pähimi ýatladýar. Şu günler demirgazyk welaýatyň etraplaryndaky döwrebap elewatorly galla kärhanalarynyň ýörite bölümlerinde, «Daşoguzgallaönümleri» önümçilik birleşiginiň Daşoguz çörek kärhanasynda täze hasylyň ýokary görnüşli unundan çörek we çörek önümleri öndürilip başlandy. Ýokumy, tagamy bilen tapawutlanýan bu önümler berekediň nyşany bolup, göwünleri göterýär.*

Önümçilik kuwwaty has ýokary bolan welaýat merkezindäki çörek kärhanasy şäher ilatyny bu azyk önümleri bilen bökdençsiz üpjün edýär. Düýpli abatlanylan, iş bölümleriniň ählisine häzirki zamanyň ösen talaplaryna laýyk gelýän tehnologik enjamlar ornaşdyrylan kärhana azyk bolçulygyny döretmäge mynasyp goşant goşýar. Bu ýerde «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň geçen alty aýynda 5 million 289 müň manatlyk önüm öndürilip, göz öňünde tutulan meýilnama üstünlikli berjaý edildi. Täze hasylyň ak unundan taýýarlanýan «Guşluk» hem «Daşoguz» batonlary, «Höwesli» bulkasy, «Demirgazyk» ak kökesi şäher ilaty tarapyndan uly isleg bilen kabul edildi. Häzirki wagtda kärhanada önümleriň 20-den gowrak görnüşi öndürilýär.

Welaýat merkeziniň günbatar çetinden uzap gidýän uly ýoluň ugrunda giň meýdany eýeläp oturan çörek kärhanasy iň baýry senagat kärhanalarynyň biri hasaplanýar. Soňky ýyllarda önümçilige öňdebaryjy tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy, unuň hiliniň, her bir işçiniň jogapkärçiliginiň ýokarlanmagy bilen baglylykda, kärhananyň önümlerine isleg yzygiderli artýar. Günüň reňkini, ynsan yhlasyna ýugrulan mähir-çogy özüne siňdiren çörekde döwletliligiň, rysgal-berekediň, abadançylygyň nyşany bar.

Kärhanada galyp çörek we milli çörek, köke önümlerini öndürýän esasy bölümler bar. Önümçilik düzümleriniň ykdysady kuwwaty gündelik iş netijeleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Bu ýerde her günde dürli görnüşli azyk önümleriniň 11-12 tonnasy öndürilip, söwda nokatlaryna ugradylýar.

Täze döwrüň talaplaryna laýyklykda döwrebaplaşdyrylan bu kärhanada işçi-hünärmenleriň 230-a golaýy zähmet çekýär. Olaryň esasy bölegini ýaşlar düzýär. Çörek bişirijiler Ogulnabat Berdiýewa, Aýna Nuryýewa indi ýigrimi ýyla golaý wagt bäri bu ýerde işleýärler hem-de ýaşlara halypalyk edýärler. Barlaghana bölüminiň hünärmeni Mähri Hojaýewa önümleriň hiline, işçileriň zähmet şertlerine gözegçilik edýär.

Kärhananyň golaýynda «Gyzgyn çörek» dükany hereket edýär. Öndürilen önümler ýörite buýurmalaryň esasynda şäher dükanlaryna öz wagtynda, bökdençsiz ýetirilýär. Çörek kärhanasynyň garamagyndaky awtoulaglar ir säher bilen degişli dükanlara tarap ýola düşýär. Olaryň yzygiderli hereketi esasynda çörek önümleri gyzgyny bilen daşalýar.

***Amanmyrat SAPAROW.***
***(Öz habarçymyz).***

IL SAGLYGY — ÝURT BAÝLYGY

## MELHEM SUWLY ŞYPAHANA

*Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň çäginde ýerleşýän «Arçman» şypahanasy diňe bir ýurdumyzda däl, dünýäde hem uly meşhurlyga eýedir. Bejerijilik, saglygy dikeldiş we keselleriň öňüni alyş ähmiýetli dergäh häzirki günlerde has-da köp adamly. Zähmet dynç alşyna çykyp, güneşli Diýarymyzyň dürli künjeginden gelen ildeşlerimiz ýokary hilli hyzmatlardan, ajaýyp mümkinçiliklerden netijeli peýdalanýarlar.*

Hoştap howaly dag eteginiň gözel künjeginde, Köpetdagyň Degirmendag diýen ýeriniň eteginde deňiz derejesinden 157 metr belentlikde ýerleşýän şypahananyň esasy aýratynlygy jana şypa beriji melhem suwudyr. Ol himiki düzümi boýunça kükürtli-hlorly, gidrokarbonatly, natrili, kalsiý-magnili suwlar toparyna degişli bolup, ençeme dertleriň dermanydyr. Mineral suw içmek, suwa düşmek we içegeleri ýuwmak üçin ulanylýar. Ol içilende we wanna kabul edilende, düzümindäki kükürtli wodorod we beýleki mikroelementler bedende bütinleý özgeriş döretmek bilen, dokumalaryň işjeňligini ýokarlandyrýar. Gan aýlanyşygyny kadalaşdyrýar. Şoňa görä-de, ildeşlerimiziň bu mümkinçiliklerden peýdalanyp, şypa tapýanlary az däl. Eli ýeňil lukmanlaryň degerli maslahatlary, häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilen bölümleriň ýokary derejeli hyzmatlary köpe ýaraýar. Saglygyny berkidýänleriň islendigi bilen gürrüňdeş bolanyňda, bu ýerdäki hyzmatlaryň derejesinden hoşaldygyny nygtaýar.




— Ýurdumyzda ynsan saglygy hakda uly aladalaryň edilýändigine şypahana geleniňde guwanç bilen göz ýetirýärsiň. Birnäçe günden bäri bu ýerde bolup, anyklaýyş, suw bilen bejeriş bölümleriniň mümkinçiliklerinden peýdalanýaryn. Häzirki zaman lukmançylygynyň ýokary talaplaryna laýyk gelýän bölümlerden saglygyma şypa tapýaryn. Melhem suwdan başga-da, fizioterapiýa, owkalama, inne-reflekso bejergileriniň, ozakerit, parafin, ginekologik we beýleki dürli ugurly bejeriş otaglarynyň hyzmaty ýokary derejede ýola goýlupdyr. Arassa dag howasy hem saglyga gowy täsir edýär. Meni begendiren zatlaryň biri hem şypahananyň çäginde goşmaça täze bejeriş merkeziniň gurluşygynyň depginli alnyp barylýandygy boldy — diýip, halaçly ildeşimiz Orazgül Muhyýewa aýdýar.



«Arçmanda» 400 orunlyk täze binany gurmak başlangyjynyň Gahryman Arkadagymyza degişlidigini aýratyn bellemelidiris. Milli Liderimiz 2022-nji ýylyň maýynda şypahana gelip, onuň özboluşly taryhy mineral suwunyň adam bedenine täsiri, bejerijilik ukyby barada gyzykly gürrüň berdi. Gahryman Arkadagymyz bu ýere geçen ýyl ýene-de iş saparyny amala aşyryp, onuň çägini giňeltmegiň, ylaýta-da, täze binany gurmak, ozalkysynyň we Saglyk ýolunyň durkuny döwrebaplaşdyrmak, mineral suwuň mümkinçiliklerini ylmy esasda öwrenmek ýaly meselelere bagyşlanan iş maslahatyny geçirdi. Şonuň yzysüre hormatly Prezidentimiz «Arçman» şypahanasynyň täze binalar toplumyny gurmak boýunça degişli resminama gol çekdi. Munuň özi dag eteginiň täsin we gözel künjeginde döwrebap binanyň gurluşygyna girişmäge esas boldy. Bu ýerde 400 orunlyk goşmaça binanyň gurulmagy bilen, birbada 1320 adamyň saglygyny dikeltmäge mümkinçilikler açylar.

Iýmit siňdiriş ýollarynyň sökellikleriniň, deri keselleriniň we nerw ulgamynyň bozulmalarynyň bejerilişi boýunça giňden meşhur şypahanada bolýanlara Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ylmy-ensiklopedik kitaplarynda beýan edilýän melhem içgiler hem hödürlenýär. Lukmanlar dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan içgileriň ähmiýetini-de raýatlara düşündirýärler.

Şypahanada saglygy dikeltmek we bejermek üçin döredilen şertlerdir mümkinçiliklerden başga-da, medeni-dynç alyş maksatly gyzykly çärelerem guralýar. Hormatly Prezidentimiziň we Milli Liderimiziň ilatyň saglygyny berkitmäge, jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgelerini pugtalandyrmaga gönükdirilen giň gerimli işleri üçin şypahana gelýän ildeşlerimiziň hoşallygy çäksiz.



***Aýdo ŞEKEROW.***
***«Türkmenistan».***

Surata düşüren Begençmyrat ATAÝEW.

ULAG ULGAMYNDA

## Hünär derejeleri ýokarlandyrylýar

Awiasiýa pudagynda edilýän hyzmatlaryň hilini ýokary derejede saklamak, ýolagçylaryň, daşalýan ýükleriň, howa ulagynyň infrastrukturasynyň desgalarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek, işgärleriň hünär kämilligini ýokarlandyrmak ösüşleri gazanmagyň möhüm şertleri bolup hyzmat edýär.

«Türkmenhowaýollary» agentligi hem öz işini Türkmenistanyň kanunçylygyna we Halkara raýat awiasiýasy guramasynyň awiasiýa howpsuzlygy boýunça kadalaryna, tejribelerine we iş amallaryna laýyklykda guraýar. Şunuň bilen baglylykda, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak möhüm wezipeleriň hatarynda durýar. Ýakynda hem «Türkmenhowaýollary» agentliginiň Howa ulaglarynyň işgärlerini taýýarlaýan mekdebiniň binýadynda hünär derejesini ýokarlandyryş okuwlary geçirildi.

Okuwlar Raýat awiasiýasynyň Ýewropa konferensiýasy (ECAC) tarapyndan «Awiasiýa howpsuzlygy boýunça milli gözegçi» okuw maksatnamasy esasynda guraldy. Oňa «Türkmenhowaýollary» agentliginiň, onuň garamagyndaky Halkara howa menzilleriniň, şeýle-de Gazagystanyň we Gyrgyzystanyň hünärmenleri gatnaşdylar. Okuwlaryň maksady awiasiýa howpsuzlygy boýunça hünärmenleri taýýarlamakdan we olaryň bilim derejesini artdyrmakdan, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekden ybarat boldy.

***(Ýörite habarçymyz).***

NEBITGAZ SENAGATY

## Meýilnamalar artygy bilen

*Ýurdumyzyň uglewodorod çig malyna baý ýataklaryndan alynýan nebiti gaýtadan işleýän senagatda innowasion taslamalary durmuşa geçirmäge aýratyn üns berilýär. «Türkmennebit» döwlet konserniniň Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda bitirilýän işler hem muňa aýdyň güwä geçýär.*

Bu häzirki zaman toplumyna şu ýylyň geçen hasabat döwründe gelip gowşan 2 million 220 müň tonna nebit çig malynyň 2 million 211 müň tonnadan gowragy gaýtadan işlenilip, bellenilen meýilnamalar, degişlilikde, 102,9 we 103,1 göterime barabar berjaý edildi. Taýýarlanylan awtoulag benzinleriniň dürli görnüşleriniň umumy mukdary bolsa 669 müň tonna golaýlap, tabşyryga 105,3 göterim hötde gelindi. Şeýle hem ýylyň birinji ýarymynda bu ýerde kerosin öndürmegiň meýilnamasy 108,8 göterim, dizel ýangyjy babatda 101 göterim, çalgy ýaglary boýunça 116,7 göterim ýerine ýetirildi. Daşarky bazarlarda geçginli önümleriň hatarynda durýan suwuklandyrylan gazy taýýarlamagyň tabşyrygynyň 281,6 göterim berjaý edilendigini aýratyn nygtamak gerek. Bu iri önümçilikde nebit bitumyny taýýarlamagyň meýilnamasy hem artygy bilen ýerine ýetirildi.

Şanly ýyly belent sepgitlere beslemegi maksat edinýän nebiti gaýtadan işleýjiler halal zähmet çekip, ata Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň has-da artmagyna mynasyp goşant goşmaga çalyşýarlar.

***(Öz habarçymyz).***



MIRAS

# DAŇDANAKAN GALASY: GEÇMIŞ SYRLARYNY AÇÝAR

*Türkmenistanyň Prezidentiniň 2022-nji ýylyň 8-nji aprelinde çykaran Karary bilen tassyklanan «Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini aýap saklamagyň, goramagyň, öwrenmegiň hem-de olara syýahatçylary çekmegiň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny» amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasynda ylmy-öwreniş işleri geçirilmegi meýilleşdirilen, taryhda belli Daňdanakan galasy Merwden Sarahsa barýan ýoluň 63 kilometr günorta-günbatarynda ýerleşýär. Bu meşhur gala-kerwensaraýyň galyndylary 4,5 gektar meýdany tutýar. Galanyň kem-käsleýin saklanyp galan diwarlarynyň taraplarynyň ölçegi 210 — 216 metre deňdir.*



«Gadymy Merw» döwlet taryhy-medeni goraghanasynyň hünärmenleri Türkmenistanyň taryhy-medeni ýadygärliklerini goramak, öwrenmek hem-de rejelemek baradaky milli müdirliginiň ýolbaşçylygynda Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen bu gadymy taryhy ýadygärlikde gazuw-agtaryş, öwreniş hem-de berkidiş işlerini alyp barýarlar. Möwsümleýin işleriň dowamynda şäheriň gurluş we ýaşaýyş medeniýetine degişli gymmatly maglumatlar ýüze çykaryldy. Galanyň merkezi böleginde Juma metjidiniň ýerleşen ýeri diýlip çaklanýan meýdançada ýer gatlaklary öwrenilenden soň, gazuw-barlag işlerine başlandy.

Ilkinji gazuw-barlag möwsüminde Juma metjidiniň içki howlusynyň demirgazyk burçy açyldy. Demirgazyk-günbatar tarapynda sekiniň üstünde ýerleşdirilen bezegli sütünleriň hatary arassalanyldy. Gazuw-barlag möwsümleriniň netijesinde, metjidiň ilkibaşdaky binagärlik-meýilleşdiriş çözgütleri aýdyňlaşdyryldy. Içki howly giňişliginiň gyralary seki bilen beýgeldilip, genç suwagyna geometrik ösümlik nagyşlary salnyp, oýma usulynda bezelen sütünler hatarynyň ýerleşdirilendigi anyklanyldy.

Metjidiň günorta-günbatar tarapynyň merkezinde ýüzi arap ýazgylary we geometrik ösümlik nagyşlary ussatlyk bilen ýerine ýetirilen mährabyň arhitektura galyndylary ýüze çykaryldy. Genç suwagynyň ýüzünde oýma usulynda bezelen mährabyň aşaky derejesindäki galyndylary abat ýagdaýda saklanypdyr. Metjidiň içki howlusynda häzire çenli ýüze çykarylan maglumatlara, asyl nusgaly parçalara laýyklykda, binagärlik-gurluş bölekleri we bezegleri grafik taýdan gaýtadan dikeldildi.

2023-nji ýylyň meýdan möwsüminiň çäklerinde Juma metjidiniň içki howlusynyň çäklerinde günorta-günbatar tarapdaky saklanyp galan arhitektura gurluşlarynyň galyndylaryny



ýüze çykarmak boýunça gazuw-arassalaýyş işleri dowam etdirildi. Metjidiň üsti açylan böleklerine esaslanyp, göwrüm-ýerleşiş aýratynlyklaryny aýdyňlaşdyrmak, howlynyň çäklerini anyklamak we has irki döwre degişli galyndylary ýüze çykarmak meseleleriniň üstünde işlenildi.

Juma metjidiniň burçlary dört tarapa gönükdirilen, inedördül 14,3x14,3 metr ölçegli içki howlusyna we onuň daşyny gurşap alan dälizler toplumyna degişli üsti açylan meýdançanyň çäginde demirgazyk-günbatar tarapyndaky gurluşlaryň galyndylary abadrak ýagdaýda, ilkibaşdaky görnüşinde saklanyp galypdyr. Megerem, üsti açyk bolan merkezi meýdançasy inedördül hem gönüburçly bişen kerpiçlerden düşelen howlyny gurşap alýan dälizleriň uzaboýuna seki gurnalandyr. Metjidiň abat saklanyp galan demirgazyk-günbatar tarapynda birmahallar üsti arka bilen jemlenen sütünli däliziň gençden ösümlik nagyşlary suwag bezeginiň käbir bölekleriniň ilkibaşdaky nusgasyny synlamaga mümkinçilik berýär.

Bütin metjidiň göwrüm-ýerleşiş çözgüdi kabul edilende, baş orny eýelän bu tarapda, ýagny Juma namazyna gelenleriň ýüzüni mukaddes Käbä gönükdirmäge niýetlenip, sütünler hatarynyň merkezinde möhüm alamat bolup hyzmat edýän mährap ýerleşdirilipdir. Internet ulgamynyň emeli hemradan düşürilen şekillerini seljereninde, mährabyň ugrunyň, elbetde, bütin Daňdanakan metjidiniň taraplarynyň gadymy binagärler tarapyndan örän takyk kesgitlenendigine göz ýetirmek bolýar.

***Rejep JEPBAROW,***
***«Gadymy Merw» döwlet taryhy-medeni goraghanasynyň ýolbaşçysy.***

# Täsirli okuw maslahaty

*Milli žurnalistikany ösdürmek, žurnalistleriň hünär taýýarlygyny kämilleşdirmek häzirki döwürde möhüm wezipeleriň biri bolup, şunda öňdebaryjy halkara tejribeleriň özleşdirilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Ýakynda Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Aşgabatdaky merkeziniň edara binasynda daşary ýurtly hünärmenleriň hem-de ýurdumyzyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilen iki günlük okuw-tejribe maslahaty-da şu jähetden örän netijeli boldy.*

Döwlet edaralarynda metbugat gulluklaryny döretmegiň we olaryň işini guramagyň aýratynlyklaryna bagyşlanan maslahata onlaýn usulda daşary ýurtly hünärmenleriň birnäçesi gatnaşyp, žurnalistikanyň derwaýys meseleleriniň ençemesi ara alnyp maslahatlaşyldy, onuň nazary, amaly esaslary barada gürrüň edildi.

«Döwlet edaralaryndaky metbugat gulluklarynda zähmet çekýän žurnalistler ýokary hünär ussatlygyna eýe bolup, olar döwrebap tehnologiýalardan baş çykaryp bilmeli, jemgyýetçilik köpçüligi bilen aragatnaşyk saklap, olaryň isleg-talaplaryny, psihologik aýratynlyklaryny öwrenmeli. Munuň üçin ýörite metbugat maksatnamalary, meýilnamalary, uzak we gysga möhletleýin strategiýalary işläp düzmeli» diýip, okuw maslahatyny alyp baran litwaly hünärmen Daýnýus Radzýawiçýus belledi. Şeýle-de žurnalistiň işinde maglumatyň üç görnüşde: möhüm, peýdaly we gyzykly bolýandygy, auditoriýanyň bolsa seniň maglumatyňa gyzyklanma bildirýänler hem-de gyzyklanma bildirmeýänler diýen şertli iki topara bölünýändigi nygtaldy. Şunda köpçülige ýetirilýän täzelikleriň täsirliligini, özüne çekijiligini gazanmagyň usullary baradaky garaýyşlar beýan edildi. Okuw maslahaty işjeň häsiýete eýe bolup, onda sowal-jogap alşyldy.

Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Aşgabatdaky merkezi 1999-njy ýyldan bäri hereket edip, parahatçylygy, demokratiýany we durnuklylygy üpjün etmek ugrunda iş alyp barýar. Merkez tarapyndan köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri bilen okuw-tejribe maslahatlarynyň yzygiderli geçirilip durulmagynyň aýratyn ähmiýeti bar. Çünki žurnalistika döwlet bilen halkyň arasyndaky ygtybarly köpri bolup, jemgyýetçilik ösüşini ilerletmekde möhüm orna eýedir.

***Gurbanmämmet SEÝITDÄÝEW.***
***«Türkmenistan».***

TOMUS — 2024

# Gözel jülgedäki şatlykly günler

*Gökderedäki «Beýik Serdar nesilleri» çagalar sagaldyş-dynç alyş merkezinde mekdep okuwçylarynyň gülki sesleri belentden ýaňlanyp, her güni göwün göteriji pursatlara beslenýär. Bu merkezde ýurdumyzyň ähli künjeginden gelen bagtyýar çagalaryň 325-si tomusky dynç alyş günlerini gyzykly we şadyýan geçirýärler.*



Dynç alýan çagalardan düzülen aýdym-saz, folklor, çeper okaýyş toparlarynyň yzygiderli çykyşlary, sportuň dürli görnüşleri boýunça ýaryşlardyr beýleki çäreler çagalara egsilmez şatlyk paýlaýar.

— Merkezimizde çagalaryň şadyýan dynç almagy, saglygyny berkitmegi üçin giň mümkinçilikler döredilen. Kompýuter, hünär, aýdym-saz otaglary döwrebap enjamlardyr amatlyklar bilen üpjün edilen. Çagalar Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň jöwher paýhasyndan dörän kitaplaryny, şeýle hem ertekileridir beýleki çeper neşirleri höwes bilen okaýarlar. Her tapgyryň dowamynda guralýan bäsleşiklerdir ýaryşlar olary has-da tijäp, başarnyklaryny taplaýar. Möwsümiň häzirki dowam edýän ikinji tapgyrynda «Berkarar döwletiň sagdyn nesli biz» diýen at bilen türkmen milli oýunlarynyň käbir görnüşleri boýunça guralan ýaryş hem gyzykly geçdi. Dürli şekilleri ýasamak, asfaltyň ýüzüne surat çekmek, milli el işlerini ýerine ýetirmek boýunça «El hünäri il gezer» atly merkezara bäsleşige hem biziň toparymyz işjeň gatnaşdy. Döredijilik işlerinde türkmen tebigatyna, eziz Watanymyza buýsanç öz beýanyny tapdy. Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkinde guralan «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň çykyşlary-da ýaşajyk tomaşaçylary biparh goýmady. Şeýle çärelere işjeň gatnaşýan çagalaryň höweslendirilip durulmagy olarda ruhubelentlik döredýär — diýip, «Beýik Serdar nesilleri» çagalar sagaldyş-dynç alyş merkeziniň direktory Myrat Ataýew gürrüň berdi.

Gökdere jülgesiniň gözelligi ajaýyp pursatlar bilen utgaşyp, çagalarda bu ýere ýene-de gelmek höwesini artdyrýar.

***Aýlar ATAJYKOWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyby.***

## Harytlar, işler we hyzmatlar bilen üpjün edijileri saýlap almak boýunça BÄSLEŞIK

**1. LOT № 32.**
Ministrligiň garamagyndaky edaralar üçin zerur bolan harytlary satyn almak.
**Satyn alyjy: Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi.**

**2. LOT № 118.**
Baýramaly etrabynyň ýerlerini suwarmak üçin Tahyrbaý kanalynyň geçirijilik ukybyny 20 kub metre çenli ýokarlandyrmak üçin gurluşyk harytlaryny satyn almak.
**Satyn alyjy: Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligi.**

**3. LOT № 138.**
Miweli bag nahallary üçin damjalaýyn suwaryş ulgamyna gerek bolan harytlary we enjamlary satyn almak.
**Satyn alyjy: Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy.**

**4. LOT № 146.**
Ministrligiň garamagyndaky binalaryň, desgalaryň ýüzleý abatlaýyş işleri üçin gurluşyk harytlaryny we enjamlary satyn almak.
**Satyn alyjy: Türkmenistanyň Goranmak ministrligi.**

**5. LOT № 148.**
Ýangyn söndürijileri doldurmak we kuwwatlandyrmak hyzmatlaryny etmek.
**Buýrujy: Türkmenistanyň Goranmak ministrligi.**

**6. LOT № 152.**
Büzmeýin etrabynyň «Büzmeýin» ýaşaýyş toplumynyň Köpetdag köçesiniň ugrunda 4 gatly, 32 öýli 2 sany ýaşaýyş jaýyny daşarky hem-de içerki inženerçilik ulgamlary bilen bilelikde gurmak üçin gurluşyk harytlaryny we enjamlary satyn almak.
**Satyn alyjy: Aşgabat şäher häkimligi.**

**7. LOT № 155.**
Balkanabat şäheriniň Hazar şäherçesiniň Garagöl obasynyň suw geçirijisiniň gurluşygy üçin harytlary we enjamlary satyn almak.
**Satyn alyjy: Balkan welaýat häkimligi.**

**8. LOT № 187.**
Bäherden etrabynyň Bamy obasynyň suw saklaýjy desgasy we içki agyz suw geçiriji ulgamy (1 tapgyr) üçin gurluşyk harytlaryny satyn almak.
**Satyn alyjy: Ahal welaýat häkimligi.**

**9. LOT № 192.**
Degişli serhet galalarynyň binalaryny düýpli abatlamak üçin harytlary satyn almak.
**Satyn alyjy: Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy.**

**10. LOT № 204.**
Degişli düzümleriň agyz suw üpjünçiligi üçin gurluşyk harytlaryny satyn almak.
**Satyn alyjy: Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy.**

**11. LOT № 222.**
Gullugyň merkezi binasyndaky ýangyn habar beriji, ýangynyň öňüni almak ulgamyna, ýangyn duýduryjy abzallaryna we enjamlaryna tehniki taýdan hyzmat etmek.
**Buýrujy: Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy.**

**12. LOT № 226.**
«Aşgabatýylylyk» trestine degişli çillerlere ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak.
**Satyn alyjy: Aşgabat şäher häkimligi.**

**13. LOT № 252.**
Baýramaly etrabynyň ýerlerini suwarmak üçin Tahyrbaý kanalynyň geçirijilik ukybyny ýokarlandyrmak üçin gurluşyk harytlaryny we enjamlary satyn almak.
**Satyn alyjy: Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligi.**

**14. LOT № 261.**
Welaýat häkimligine gerek bolan programma üpjünçiligini we enjamlary satyn almak.
**Satyn alyjy: Ahal welaýat häkimligi.**

**15. LOT № 266.**
Daşoguz şäheriniň Saparmyrat Türkmenbaşy şaýolunyň hem-de Alp Arslan köçesiniň ugrundaky ýaşaýyş jaýlar toplumynyň daşky inženerçilik ulgamlaryny, ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyrmak üçin gurluşyk harytlaryny we enjamlary satyn almak.
**Satyn alyjy: Daşoguz welaýat häkimligi.**

**16. LOT № 270.**
UPS enjamlaryny we akkumulýator batareýalaryny satyn almak.
**Satyn alyjy: Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy**

**17. LOT № 284.**
Institutyň işini sanly ulgama geçirmek we maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek, şeýle hem internet toruny kämilleşdirmek boýunça enjamlary gurnamak, olary sazlap, tehniki taýdan hyzmat etmek.
**Buýrujy: Türkmenistanyň Hazar deňzi instituty.**

**18. LOT № 285.**
Institutyň işini sanly ulgama geçirmek, maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça gerekli enjamlary we ygtyýarnamaly programmalary satyn almak.
**Satyn alyjy: Türkmenistanyň Hazar deňzi instituty.**

**19. LOT № 309.**
Ýylylyk desgalaryna gerek bolan ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak.
**Satyn alyjy: Aşgabat şäher häkimligi.**

**20. LOT № 316.**
«Balkanwelaýatagyzsuw» birleşiginde sanly ulgamy doly we dogry ýöretmek üçin tehniki taýdan hyzmat etmek.
**Buýrujy: Balkan welaýat häkimligi.**

**21. LOT № 322.**
Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň binasy üçin gurluşyk harytlaryny, enjamlary satyn almak.
**Satyn alyjy: Mary welaýat häkimligi.**

**22. LOT № 383.**
Ministrligiň merkezi edara binasynyň daşky LED yşyk bezegleriniň çyralarynyň talabalaýyk işlemegi üçin gerek bolan harytlary satyn almak.
**Satyn alyjy: Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi.**

**23. LOT № 426.**
Büzmeýin etrabynyň «Büzmeýin» ýaşaýyş toplumynyň Köpetdag köçesiniň ugrunda 4 gatly, 32 öýli 2 sany ýaşaýyş jaýyny daşarky we içerki inženerçilik ulgamlary bilen bilelikde gurmak üçin gurluşyk harytlaryny we enjamlary satyn almak.
**Satyn alyjy: Aşgabat şäher häkimligi.**

**24. LOT № 436.**
Türkmengala etrabyndaky kuwwaty bir gije-gündizde 25 müň kub metr bolan agyz suwuny arassalaýjy desganyň gurluşygy üçin gurluşyk harytlaryny we enjamlary satyn almak.
**Satyn alyjy: Mary welaýat häkimligi.**

**25. LOT № 438.**
Tagtabazar etrabynyň Serhetabat şäherindäki kuwwaty bir gije-gündizde 20 müň kub metr bolan suw arassalaýjy desganyň gurluşygy üçin harytlary we enjamlary satyn almak.
**Satyn alyjy: Mary welaýat häkimligi.**

**26. LOT № 439.**
Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňeşliginiň çägindäki täze, döwrebap obanyň içerki hem-de daşarky suwaryş, lagym, elektrik geçirijileriniň, içerki agyz suw geçiriji ulgamlarynyň gurluşygy üçin harytlary we enjamlary satyn almak.
**Satyn alyjy: Ahal welaýat häkimligi.**

Bäsleşik 2024-nji ýylyň 5-nji awgustynda sagat 10:00-da geçirilýär. Bäsleşige gatnaşmak üçin gerekli resminamalary, harytlary (işleri, hyzmatlary) üpjün etmek boýunça şertler, möçberler we beýleki materiallar baradaky maglumatlary aşakdaky salgyda ýerleşýän bäsleşik toparyndan ýüztutmalar esasynda alyp bilersiňiz. Resminamalar 2024-nji ýylyň 3-nji awgustyna, sagat 13:00-a çenli kabul edilýär.

**Aşgabat şäheriniň Arçabil şaýolunyň 156-njy jaýy — Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi.**
**Telefon belgileri: 39-46-39; 39-46-38.**

***Maglumatlar e.fineconomic.gov.tm web saýtynda hem ýerleşdirildi.***

**Hormatly okyjylar!**
**2024-nji ýylda Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegiň tertibi gazetimiziň şu günki sanynda 12 sahypa möçberinde goşundy görnüşinde çap edilýär.**

## *TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ ÝANYNDAKY DÖWLET GULLUGY AKADEMIÝASY*

### *2024/2025-nji okuw ýyly üçin magistr bilim maksatnamasy boýunça taýýarlygyň aşakdaky ugurlaryna talyplyga kabul edýär:*

I. Bilim we pedagogika (mugallymçylyk) ylymlary (taýýarlygyň ugry: **ylym we bilim işlerini dolandyrmak**).

II. Ykdysadyýet we dolandyryş (taýýarlygyň ugurlary: **sanly dolandyryş; döwlet dolandyryşy; işgärleri dolandyrmak**).

III. Hukuk işi (taýýarlygyň ugurlary: **konstitusiýa hukugy; administratiw hukugy**).

Okuwlar türkmen dilinde geçilýär we tölegli esasda alnyp barylýar.

Akademiýa taýýarlygyň «Ylym we bilim işlerini dolandyrmak» ugry boýunça ylym we bilim çygrynda ýokary bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, taýýarlygyň «Sanly dolandyryş» ugry boýunça kompýuter tehnologiýalary çygrynda ýokary bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, taýýarlygyň «Döwlet dolandyryşy» we «Işgärleri dolandyrmak» ugurlary boýunça ykdysadyýet we dolandyryş çygrynda ýokary bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, taýýarlygyň «Konstitusiýa hukugy» we «Administratiw hukugy» ugurlary boýunça hukuk çygrynda ýokary bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** Aşgabat şäherinde 2024-nji ýylyň 15 — 28-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**
— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;
— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);
— ýokary bilim baradaky resminamanyň we goşundysynyň asyl nusgalary (daşary ýurt döwletinde berlen ýokary bilim hakyndaky resminama onuň Türkmenistanda ykrar edilendigi baradaky şahadatnamasy goşulýar);
— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;
— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;
— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;
— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;
— magistr maksatnamasy boýunça okuwa girmegiň maksadynyň beýany (beýan türkmen dilinde ýazylmaly we 500 sözden köp bolmaly däl).

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:
— pasportyny;
— harby şahadatnamasyny ýa-da ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Akademiýanyň resminamalary kabul edýän iş topary zerur bolan ýagdaýynda dalaşgärden goşmaça maglumatlary sorap biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** akademiýada (Aşgabat ş.) 2024-nji ýylyň 29 — 31-nji iýuly aralygynda geçirilýär.

**Giriş synaglary** ýokary bilimiň okuw maksatnamasy esasynda şu aşakdaky dersler boýunça döwlet dilinde geçirilýär:

taýýarlygyň ugry: **«Ylym we bilim işlerini dolandyrmak»** — jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

taýýarlygyň ugry: **«Sanly dolandyryş»** — kompýuter sowatlylygy, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

taýýarlygyň ugry: **«Döwlet dolandyryşy»** — jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

taýýarlygyň ugry: **«Işgärleri dolandyrmak»** — jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

taýýarlygyň ugry: **«Konstitusiýa hukugy»** — jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

taýýarlygyň ugry: **«Administratiw hukugy»** — jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

Bellenilen wagtda giriş synagyna esassyz sebäplere görä gelmediklere goşmaça mümkinçilik berilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça magistr maksatnamasyna talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan saýlan taýýarlygynyň ugry boýunça 2 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanlar peýdalanýarlar.

**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň salgysy:**
**Aşgabat şäheri,**
**Görogly köçesi, 88.**
**tel.: 39-37-17, 39-37-09.**

TÜRKMENISTAN
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Ministrler Kabineti
Gazet 1920-nji ýylyň 29-njy iýulyndan bäri çykýar.

Baş redaktor Kakamyrat REJEBOW

**REDAKSIÝANYŇ SALGYSY:** Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.
**TELEFON BELGILERI:** kabulhana: 38-60-88, 39-96-99; baş redaktoryň orunbasary: 39-95-06; jogapkär kätip: 39-95-67; kätiplik: 39-95-68;
**BÖLÜMLER:** döwlet we jemgyýetçilik durmuşy: 39-95-96; kanunçylyk we halkara gatnaşyklar: 39-95-76; oba özgertmeleri, senagat we ekologiýa: 39-95-94; sanly ykdysadyýet we telekeçilik: 39-95-75; medeniýet, sungat, taryh we edebiýat: 39-95-73; ylym-bilim we ýaşlar durmuşy: 39-95-95; saglyk, sport, syýahatçylyk we tebigat: 39-95-71; mahabatlar we bildirişler: 39-95-69; hat-habarlar: 39-95-68. Faks belgisi: 75-18-35.
**WELAÝATLARDAKY HABARÇYLARYMYZ:** Ahalda: (+993137) 3-70-03; Balkanda: (+993222) 6-09-01; Daşoguzda: (+993322) 7-00-57; Lebapda: (+993422) 3-26-83; Maryda: (+993558) 6-62-48.
**ELEKTRON SALGYSY:** turkmenistan-gazeti@sanly.tm
**Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.**
Redaksiýa gelen golýazmalar we fotosuratlar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. «Türkmenistan» gazetinden makalalar, eserler, fotosuratlar göçürilip çap edilende, gazete salgylanmak hökmandyr. Indeksi — 69460. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A-2, möçberi 10 ç.k. A-114363 Nusgasy 24000 sany.
**Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefon belgisi: 39-95-36.**

4833001500011
**Bahasy 1 manat 50 teňňe.**



# 2024-nji ýylda Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegiň TERTIBI

## MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

*2024/2025-nji okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler (hünärmen maksatnamasy) we taýýarlygyň ugurlary (bakalawr maksatnamasy) boýunça talyplyga kabul edýär:*

**I. Hünärmen maksatnamasy (býujet esasynda):**

1. Matematika we mehanika (hünärler: **matematika; amaly matematika we informatika**).
2. Fizika we astronomiýa (hünärler: **fizika; radiofizika we elektronika; astronomiýa**).
3. Biologiýa ylymlary (hünär: **biologiýa**).
4. Himiýa (hünär: **himiýa**).
5. Ýeri öwreniş ylymlary (hünärler: **geografiýa; kartografiýa; meteorologiýa; ekologiýa**).
6. Psihologiýa ylymlary (hünär: **psihologiýa**).
7. Taryh we arheologiýa (hünär: **arheologiýa**).
8. Filosofiýa, etika we dini öwreniş (hünär: **filosofiýa**).
9. Ylahyýet (hünär: **ylahyýet**).
10. Syýasy ylymlar we sebiti öwreniş (hünärler: **syýasaty öwreniş; Gündogary öwreniş**).
11. Dil bilimi we edebiýaty öwreniş (hünärler: **türkmen dili we edebiýaty; iňlis dili we edebiýaty; nemes dili we edebiýaty; fransuz dili we edebiýaty; italýan dili we edebiýaty; arap dili we edebiýaty; türk dili we edebiýaty; pars dili we edebiýaty; hytaý dili we edebiýaty**).
12. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we maglumat-kitaphana işi (hünär: **žurnalistika**).

**II. Hünärmen maksatnamasy (tölegli esasda):**

